**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– WATAN GORAGÇYLARYNYŇ GULLUK ETMEKLERI WE DYNÇ ALMAKLARY ÜÇIN HAS OŇAÝLY ŞERTLERI DÖRETMEK TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SYÝASATYNYŇ WE AMALA AŞYRYLÝAN HARBY ÖZGERTMÄNIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRIDIR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
12-nji awgust, 2022. Belgisi 32/1494




# DÖWLETIMIZIŇ DEŇIZ ÇÄKLERI YGTYBARLY GORALÝAR

**10-njy awgustda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow günbatar sebitimizde ýerleşýän Harby-Deňiz Güýçleriniň «Garşy» deňiz birikmesine bardy we «Deňiz han» atly korwet kysymly harby gämi bilen tanyşdy.**

Ir bilen Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy dikuçarda wakanyň geçýän ýerine geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary mähirli garşyladylar.

Goranmak ministri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary B.Gündogdyýew döwlet Baştutanymyza ýurdumyzyň Harby-Deňiz Güýçleriniň «Deňiz han» atly korwet kysymly harby gämisiniň tanyşdyrylyşa taýýardygy barada hasabat berýär.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty kabul edip, awtoulagda gämi duralgasyna tarap ugrady.

### SÖWEŞJEŇ GÄMI TANYŞDYRYLDY

«Garşy» deňiz birikmesiniň mundan bir ýyl ozal Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berlendigini bellemek gerek. Bu harby birikmede harby gämiler üçin duralga göz öňünde tutulandyr, bu ýerde ýurdumyzyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda Harby-Deňiz Güýçleriniň gämileri abatlaýyş kärhanasynda gurlan «Deňiz han» atly korwet kysymly harby gämi hem bar.

Gäminiň serkerdesi ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna söweşjeň gämi bilen tanyşlyga taýýarlyk barada hasabat berip, Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny hem-de Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Harby-Deňiz Güýçleriniň baýdagyny galdyrmaga rugsat bermegi baradaky haýyş bilen ýüzlenýär. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar, onuň owazy astynda Döwlet baýdagy we Harby-Deňiz Güýçleriniň baýdagy galdyrylýar.

Soňra hormatly Prezidentimiz bu häzirki zaman gämisiniň söweşjeň mümkinçilikleri, tehniki häsiýetnamalary hem-de gurluşynyň aýratynlyklary, bölümleriniň işleýiş usullary bilen tanyşdy. «Deňiz han» gämisi garşydaşyň suwasty hem-de suwüsti söweşjeň gämilerini, guryýer we howa nyşanlaryny ýekelikde hem-de gämi urgy toparynyň düzüminde ýok etmek üçin niýetlenendir. Şol bir wagtda ol garşydaşyň gämi toparlaryny, desant otrýadlaryny ýok etmek, öz güýçlerimizi penalamak, toplumlaýyn aňtaw işlerini alyp barmak, suwüsti we suwasty giňişlige gözegçilik etmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär. Şeýle hem deňizde döwlet serhedini goramak, gämi gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek we halas ediş işlerini amala aşyrýar.

Gäminiň harby gullukçylarynyň dünýäniň birnäçe ýurtlarynda, hususan-da, Italiýada, Germaniýada, Türkiýede we beýleki döwletlerde ýörite okuwlary geçendiklerini hem-de hünär derejelerini ýokarlandyrandyklaryny bellemek gerek. Gämide şeýle hem serkerdeleriň we deňizçileriň netijeli gulluk etmekleri hem-de göwnejaý dynç almaklary üçin ähli şertler döredildi.

### GÄMILERIŇ HEREKETINE GÖZEGÇILIK AMALA AŞYRYLÝAR

Soňra hormatly Prezidentimiz harby birikmäniň dolandyryş binasyna baryp, dessin nobatçylaryň awtomatlaşdyrylan iş nokadynyň wezipeleri bilen gyzyklandy. Bu ýerde gulluk edýän serkerdeleriň biri Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyny dolandyryş nokadynyň işi, ýerine ýetirýän wezipeleri we mümkinçilikleri bilen tanyşdyrdy.

Bu ýerde ornaşdyrylan öňdebaryjy tehnologiýalar we sanly ulgam, elektron karta, şeýle hem ýurdumyzyň Harby-Deňiz Güýçleriniň serkerdeleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylan maglumat-dolandyryş ulgamynyň ýörite programma üpjünçiligi Hazar deňziniň giňişliginde ýolagçy we harby gämileriň hereketine gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Munuň üçin deňziň kenarýaka bölegine gözegçilik etmäge niýetlenen radiolokasiýa enjamy, şeýle hem Harby-Deňiz Güýçleriniň söweşjeň gämilerinde gurnalan tehniki toplumlar peýdalanylýar.

Sanly ulgam hem-de aragatnaşyk hemra ulgamy arkaly gämileriň ýerleşýän ýeri, olaryň ýangyç we suw bilen üpjünçilik derejesi kesgitlenilýär. Munuň özi dolandyryş nokadyndan harby gämiler bilen hemişelik aragatnaşygy saklamaga mümkinçilik berýär. Toplanylan maglumatlar dolandyryş bölüminde ýygnalýar we seljerilýär. Bu ýerde gurnalan enjamlar esasy wezipe-borçlarynyň ýerine ýetirilmegini ýeňilleşdirýär hem-de dessin maglumatlary zerur bolan ýerine ibermäge mümkinçilik berýär.

### DABARALY HARBY-DEŇIZ ÝÖRIŞI

Dolandyryş nokady bilen tanyşlyk mahalynda «Deňiz han» gämisiniň serkerdesi göni ýaýlyma çykyp, hormatly Prezidentimize dabaraly harby-deňiz ýörişine başlamaga rugsat bermek baradaky haýyş bilen ýüzlenýär.

Döwlet Baştutanymyz dabaraly harby ýörişe başlamaga rugsat berýär. Onda Harby-Deňiz Güýçleriniň, Döwlet serhet gullugynyň, Içeri işler ministrliginiň we Milli howpsuzlyk ministrliginiň dürli kysymly gämileri, söweşjeň katerleri hem-de gaýyklary görkezildi. Olar ýurdumyzyň umumy uzynlygy 600 kilometre deň bolan deňiz çäkleriniň howpsuzlygyny hem-de eldegrilmesizligini üpjün etmek ugrunda eserdeň durýarlar.

Dabaraly ýörişi «Arkadag» atly serhet gorag kateri açýar, ol Watanymyzyň deňiz serhetlerini goramakda özüniň ygtybarlylygyny görkezdi. Onuň yzy bilen Harby-Deňiz Güýçleriniň esasy urgy güýji bolup durýan, iň häzirki zaman ýaraglar bilen üpjün edilen hem-de garşydaşyň suwüsti we pesden uçýan howa nyşanlaryny, desant toparyny hatardan çykarmaga hem-de döwletimiziň deňiz serhetlerini ygtybarly goramaga niýetlenen «Edermen» we «Gaýratly» raketa gämileri geçýärler. 2

## Awazada halkara maslahaty geçiriler

**Hazar deňziniň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ýyl-ýyldan ösýär, özgerýär. Bu halkara derejeli döwrebap dynç alyş merkeziniň infrastrukturasyny täze-täze desgalar doldurýar. Ýokary derejeli myhmanhanalar, çagalar sagaldyş merkezleri, kottej şäherçeleri, sagaldyş we dynç alyş merkezleri myhmanlaryň hyzmatynda. Awazada akwaparklaryň, ýaht we sport klublaryň, restoranlaryň, kempingleriň, dürli görnüşdäki attraksionlaryň we söwda merkezleriniň gurluşygyna aýratyn üns berildi. Syýahatçylyk zolagynyň çägi ýylsaýyn giňelip, ýerli hem-de daşary ýurtly syýahatçylaryň gelim-gidimli ýerine öwrüldi.**

**Mundan başga-da, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ýokary derejeli duşuşyklaryň, halkara forumlaryň we döredijilik festiwallaryň geçirilýän iri işewürlik, medeni we sport merkezidir. Geçirilýän halkara maslahatlar, kongresler, forumlardyr sergiler munuň aýdyň subutnamasydyr.** 3



## Sebitleriň ösdürilmeginde telekeçiligiň orny

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly uly üstünliklere beslenýär. Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat bilen bir hatarda sebitlerimiziň hem ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Olaryň mysalyny «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ösdürilmegine berilýän ünsden hem görmek bolýar. Mälim bolşy ýaly, golaýda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Hazaryň kenarynda «Rowaç» kottejler toplumy ulanylmaga berildi. Bu iri taslamanyň ýurdumyzyň telekeçileri tarapyndan amala aşyrylmagy bolsa has-da buýsandyryjy wakadyr.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň telekeçileri uly kuwwata eýe bolmak bilen, dürli pudaklarda netijeli zähmet çekýärler. Soňky ýyllarda milli işewürlerimiziň gurluşyk pudagyndaky ösüşleri has-da rowaçlanýar. Diýarymyzyň çar künjeginde dürli maksatly binalardyr desgalary gurýan türkmen telekeçileriniň bina edýän ymaratlary bagtyýar döwrümiziň beýik ösüşlerine mynasyp goşant bolup, zamanamyzyň şanyny äleme äşgär edýär. 3

# Ýurdumyzyň ulag-logistika düzümi ösdürilýär

**Hazaryň kenarynda zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 8-nji awgustda ulag düzüminiň ýene bir möhüm desgasynyň – Türkmenbaşy–Garabogaz–Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.**



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň gadymyýetden bäri yklymara geçelgeleriň çatrygynda çäk taýdan amatly ýerde ýerleşýändigini hem-de ägirt uly üstaşyr ulag kuwwatyny nazara almak bilen, ýurdumyzyň ulag düzüminiň dünýä ulgamyna goşulyşmagy, häzirki zaman ölçeglerine gabat gelýän, ulaglaryň ähli görnüşini, şol sanda awtomobil ulagyny öz içine alýan multimodal düzümiň ösdürilmegi hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Köpriniň düýbüni tutmak dabarasynyň geçiriljek ýerine dikuçarda gelen döwlet Baştutanymyzy köp sanly dabara gatnaşyjylar uly ruhubelentlik bilen garşyladylar. Sungat ussatlarynyň joşgunly aýdym-sazly çykyşlary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz şanly waka mynasybetli ýörite gurnalan bina barýar hem-de awtomobil ýollarynyň we köprüleriň gurluşygynyň taslamalary bilen tanyşýar. Bu ýerde Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçjek täze köpriniň gurluşygynda ulanyljak kuwwatly tehnikalary-da görmek bolýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow döwlet Baştutanymyza ýolgurluşyk ulgamynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi hem-de şekil taslamalarynyň üsti bilen Diýarymyzyň halkara ulag geçelgeleri hakynda giňişleýin maglumat berdi.

Bu ýerde goýlan şekil taslamalaryndan, kartalardan we çyzgylardan görnüşi ýaly, Demirgazyk–Günorta hem-de Gündogar–Günbatar ugurlary boýunça ulag-logistika düzümini ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Munuň özi Türkmenistanyň ählumumy ulag ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün edýär.

Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçjek täze köpriniň gurulmagy Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň halkara derejedäki ähmiýetini artdyrar. Bu taslamany amala aşyrmak Türkmenistanyň ozaldan gelýän hyzmatdaşy bolan «Dorožnoýe stroitelstwo «Altkom» jogapkärçiligi çäkli jemgyýetine ynanyldy.

Şekil taslamalarynda potratçynyň täze köpriniň gurluşygynda ýerine ýetirmeli işleriniň anyk meýilnamasy görkezilýär. Aýratyn-da, Türkmenbaşy–Garabogaz–Gazagystanyň serhedine çenli awtomobil ýolunyň ugrunda gurulmagy meýilleşdirilýän ugurdaş desgalar barada hasabat berildi. Şolaryň hatarynda sürüjiler we ýolagçylar üçin niýetlenen dynç alyş merkezleri, myhmanhana, tehniki hyzmat ediş merkezleri, awtobus duralgalary, ulaglaryň agramyna hem-de ölçegine gözegçilik etmek üçin awtomatlaşdyrylan ulgam, yşyklandyryjylaryň, ýol belgileriniň görnüşleri bar.

Hormatly Prezidentimiz täze köpriniň Demirgazyk–Günorta ugrunyň möhüm bölegine öwrüljekdigini, onuň diňe bir Türkmenistan üçin däl, eýsem, tutuş sebit üçin hem ähmiýetli boljakdygyny belläp, gurluşyklaryň hiliniň döwrüň talaplaryna laýyk gelmelidigine ünsi çekdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlisler zalyna girdi hem-de özi üçin ýörite bellenilen ýere geçdi. Hormatly Prezidentimize söz berilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýygnananlara ýüzlenip, şu günki wakanyň – ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin ýene bir möhüm ähmiýetli desga bolan Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze, döwrebap awtomobil köprüsiniň düýbüniň tutulmagynyň taryhy ähmiýetini belledi. 2



## ASEAN-yň daşary işler ministrleriniň maslahaty

Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary birleşiginiň (ASEAN) daşary işler ministrleriniň 55-nji maslahaty Kambojanyň paýtagty Pnompende sebitleýin hyzmatdaşlyga degişli 30 töweregi resminamanyň kabul edilmegi bilen tamamlandy. 4



## Mahabatyň taryhyndan...

Mahabat baradaky maglumatlar ýazuwly taryhyň ilkinji resmi kagyzlarynda beýan edilýär. Ortaýer deňziniň kenaryndaky ýurtlaryň gazuw-agtaryş işlerinde dürli wakalar, hödürnamalar, gapylarda asylyp goýulýan ýazgylaryň (bildiriş) tapylandygy barada maglumatlar getirilýär. 5



## «Real Madridiň» 5-nji UEFA Super Kubogy

Finlýandiýanyň paýtagty Helsinkidäki Olimpiýa stadionynda oýnalan UEFA Super Kubogy duşuşygynda Çempionlar Ligasynyň çempiony «Real Madrid» (Ispaniýa) Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi «Aýntraht» (Germaniýa) toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. 7

## Amur gaplaňlarynyň sany artýar

Russiýada Amur gaplaňlarynyň sany 600-den geçip, ýyrtyjylaryň takyk sany sentýabr aýynda belli bolar. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň tebigy baýlyklar we ekologiýa ministri Aleksandr Kozlow aýtdy.

A.Kozlowyň aýtmagyna görä, şu ýyl Primorskiý, Amur, Habarowsk we Ýewreý awtonom sebitlerindäki Amur gaplaňlarynyň ýaşaýan ýerlerinde bu ýyrtyjylar hasaba alyndy. Häzirki wagtda ýygnalan maglumatlar sanalyp, takyk sanlar güýzde yglan ediler. Elbetde, maglumatlar 2015-nji ýyldaky görkezijilerden has ýokary bolup, şol ýyl gaplaňlaryň sany 540-a deňdi.



A.Kozlowyň pikiriçe, ilkinji gezek Amur sebitinde gaplaňlaryň sany köpeldilip, Primorskiý ülkesindäki Bikin, Alajagaplaňlaryň mekany we Zow gaplaňy ýaly milli seýilgählerde bu ýyrtyjylaryň sany artdyryldy. Russiýa dünýäde Amur gaplaňlarynyň iň köp jemlenen ýeridir. Olaryň has köp ýaşaýan ýeri Habarowsk we Primorskiý ülkelerindäki Sihote-Alin dag gerişleridir. Bu ýerde Amur gaplaňlarynyň ýaşaýan 12 sany goralýan tebigy ýerleri bar. Olaryň iň ulusy Bikin milli seýilgähidir. Amur gaplaňlary, Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň Gyzyl kitabyna girizilen dünýäniň iň seýrek ýyrtyjylarynyň biridir.

## Welosiped öndürmekde öňdebaryjy ýurt

Portugaliýa welosiped öndürmekde Ýewropa ýurtlarynyň arasynda has-da öňe saýlanýar. Maglumatlara görä, bu ýurtda iki tigirli ulag serişdeleriniň ýylda 2,5 milliondan gowragy öndürilip, eksport edilýär. Bilermenleriň aýtmagyna görä, önümçiligiň häzirki depgini ýurdy Italiýa we Germaniýa ýaly esasy welosiped öndürijileriň hataryna çykarar. Geçen ýyllarda pandemiýa sebäpli welosiped öndürýän kompaniýalaryň önümçiligi pese gaçsa-da, kompaniýanyň girdejileriniň durnuklaşýandygy bellenilýär. Bu ýurtda işe girizilen soňky zawod ýylda 250 müň welosiped öndürmek üçin niýetlenendir.



Ýewropadaky iň uly welosiped zawody Portugaliýanyň demirgazygyndaky Wila-Nowa-di-Gaýada ýerleşýär. Bu ýerde içerki bazar üçin diňe 5%-i ýygnalyp, galan 95%-i, esasan, Fransiýa, Ispaniýa, Germaniýa we Polşa ýaly ýurtlara eksport edilýär.

## NASA: «Artemis I» Aýa uçar

NASA-nyň başlygy Bill Nelson brifingde eden çykyşynda Aeronawtika we kosmos giňişliginiň barlaglary boýunça Milli müdirliginiň «Artemis» missiýasynyň Aýa, soňra bolsa Marsa ugur almagy üçin ilkinji uçuşlary amala aşyrmaga taýýardygyny aýtdy.

Bill Nelson «Artemis I»-niň pilotly uçuşyň gutarnykly taýýarlyklarynyň çäklerinde enjamlary we ulgamlary barlamak maksady bilen uzak wagtlap Aýyň daşyndan aýlanjakdygyny aýtdy. Nelson, Aýa gaýdyp barmagyň Marsa syýahat etmek üçin ilkinji ädimdigini, ol ýerde kosmonawtlary NASA-nyň geljekdäki has uly taslamalaryna taýýarlamak üçin aýratyn ähmiýete eýedigini belledi.



– Biz Aýa uçup, ol ýerden Marsa hyýallanýarys. Geljekde biz zerur zatlaryň ähliisini gurmak maksady bilen Aýdaky çeşmeleri nähili ulanmalydygyny öwreneris – diýip, Nelson aýtdy.

«Artemis I»-niň pilotsyz missiýasynyň ilkinji uçuşy 29-njy awgustda Florida ştatynyň Kennedi kosmos merkezinde meýilleşdirilýär. Kosmonawtlary geljekde Aýa alyp gitjek pilotsyz «Orion» kapsulasy, Ýere gaýdyp gelmezden öň Aýyň daşyndan doly aýlanar. NASA-nyň başlygy Bill Nelsonyň aýtmagyna görä, «Artemis I» missiýasynyň maksatlaryndan biri hem ilkinji garaýagyz zenany we erkek kişini Aýa uçurmakdyr.

## Ýüregiň sagdynlygyna ýedi sebäp

ABŞ-nyň kardiologlary giňişleýin barlag geçirip, sagdyn durmuş ýörelgesini işläp düzdüler. Bu geçirilen barlagyň esasy maksady ýürek-damar patologiýasynyň howpuny pese düşürmekden ybarat. Lukmanlar 35-50 ýaş aralygyndaky erkek kişilere bu tekliplere aýratyn üns bilen çemeleşmeklerini maslahat berýärler.



- ☑ *Çilim çekmeli däl.*
- ☑ *Artykmaç agramdan dynmaga çalyşmaly.*
- ☑ *Fiziki maşklar bilen meşgullanmaly.*
- ☑ *Sagdyn iýmitlenmeli – balyk önümlerine aýratyn üns bermeli.*
- ☑ *Gandaky holesteriniň derejesine gözegçilik etmeli.*
- ☑ *Arterial basyşyň kadaly çäklerine gözegçilik etmeli.*
- ☑ *Gandaky glýukozanyň derejesine gözegçiligi ýola goýmaly.*

# DÖWLETIMIZIŇ DEŇIZ ÇÄKLERI YGTYBARLY GORALÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra gämileri ýangyç, agyz suwy, azyk we beýleki serişdeler, enjamlar bilen üpjün etmek, halas ediş işlerini ýerine ýetirmek, heläkçilige uçran gäminiň şahsy düzümini halas etmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýän Harby-Deňiz Güýçleriniň «Eserdeň» atly 60 metr uzynlykdaky tirkeg-üpjünçilik gämisi geçdi.



Dabaraly ýörişi dürli kysymly gorag gämileri dowam etdiler. Olaryň hatarynda «Galkan» taslamaly «Algyr» we «Hanjar» gorag gämileri, «Asuda», «Mergen», «Hüşgär» we «Synmaz» serhet gorag gämileri, şeýle hem Döwlet serhet gullugynyň garamagyndaky «Sakçy» taslamaly «Naýza», «Kämil», «Galjaň» we «Gaplaň» gämileri bar. Bu gämiler garşydaşyň suwasty, suwüsti we howa nyşanlaryna garşy göreşmek, şeýle hem gözleg-halas ediş işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenendir. Şeýle hem olar Watanymyzyň deňiz giňişligindäki serhetleriniň goragynda eserdeň durmak bilen, aňtaw işlerini alyp barmaga we suwüsti giňişlige gözegçilik etmäge ukyplydyr.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna ýörişiň dowamynda «Umman» gidrografik gämisi görkezildi, ol Hazar deňziniň türkmen böleginde gämileriň ýüzüşiniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin deňizde gidrografik we okeanografik işleri geçirmek üçin niýetlenendir. Deňizde batimetriki ölçeg, deňiz düýbüniň gurluşyny barlamak, suwasty wideo we foto ýazgy etmek, suwuň düzümini öwrenmek hem bu gäminiň ýerine ýetirýän wezipeleridir.

Soňra dabaraly ýörişden Harby-Deňiz Güýçleriniň «Gujurly» we Döwlet serhet gullugynyň «Zarply» tirkeg gämileri geçýär, olar deňizde halas ediş işlerini geçirmek, ýangyna garşy göreşmek, gämileri çekmek we itmek hem-de olaryň hereketlerine goldaw bermek üçin niýetlenendir.

Döwlet serhet gullugynyň «Kuwwatly» atly ýük gämisi we Harby-Deňiz Güýçleriniň «Berkarar» atly desant kateri harby ýörişi dowam etdirýärler. Bu gämiler ýörite maksatly toparlary, desantlary hem-de söweş tehnikalaryny düşürmek, kenardan-kenara alyp gitmek we getirmek üçin niýetlenendir.

Şu gözden geçirilişe «Asuda» atly gidrografik gämi hem gatnaşdy. Bu gämi deňiz çuňlugynyň tebigy relýefini öwrenmäge, gämileriň hereketi üçin deňziň çuňlugyny ölçemäge hem-de suwasty maglumatlary toplamaga niýetlenendir.

Onuň yzy bilen Döwlet serhet gullugynyň «TG-12 Bars» taslamaly üç sany serhet gorag kateri geçýär. Bu gämiler içerki suwlarda gämilere gözegçilik etmek, gorag we gözleg-agtaryş işlerini geçirmäge niýetlenendir.

Soňra Içeri işler ministrliginiň deňizde gözegçilik gullugynyň ýerine ýetirýän «Master-651» kysymly dört patrul kateri, Milli howpsuzlyk ministrliginiň «Zodiac» kysymly çalt hereket edýän söweşjeň gaýyklary, şeýle hem Döwlet serhet gullugynyň «Dahl 20» kysymly asma motorly söweş gaýyklary göni ýaglymda monitorlarda peýda bolýar.

Deňze çykalgasy bolan islendik döwlet ýaly, biziň ýurdumyzyň hem öz deňiz serhetlerini goramak, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek üçin söweşjeň harby gämileri bar. Bu gämileriň Watanymyzyň şanly senesi – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli 2021-nji ýylyň güýzünde geçirilen dabaraly harby ýörişe gatnaşandyklaryny bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiz milli deňiz flotunyň Hazar deňzinde geçirilen dabaraly ýörişiniň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belläp, döwletimiziň geljekde hem Harby-Deňiz Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyna, harby deňizçileriň hünär ussatlygynyň ýokarlandyrylmagyna, ýurdumyzyň deňiz serhetleriniň ygtybarly goragyny we eldegrilmesizligini üpjün edilmegine aýratyn üns berjekdigini belledi. Goranyş häsiýetli Harby doktrinada kesgitlenilen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmekleri bu kysymly goşunlaryň harby gullukçylarynyň mukaddes borjy bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. Harby-Deňiz Güýçleriniň serkerdeleriniň hem-de deňizçileriniň öz üstlerine ýüklenen jogapkärli hem-de asylly wezipäni mynasyp derejede ýerine ýetirjekdiklerine berk ynam bildirip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

# Ýurdumyzyň ulag-logistika düzümi ösdürilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Amala aşyrylýan iri taslamalar ýurdumyzyň üstaşyr ulag kuwwatyny has doly durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi hökmünde ykrar edilen Türkmenistan häzirki wagtda onuň täzeçil esasda dikeldilmeginde wajyp orun eýeleýär. Ady rowaýata öwrülen bu ýoluň täze görnüşi sebitiň ýurtlarynyň durmuş-ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrmaga hyzmat edýär diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.



Häzirki zamanyň barha ösýän talaplaryny nazara almak bilen, Garabogazköl aýlagynyň üstünden täze, döwrebap awtomobil köprüsini gurmak maksadalaýyk hasaplandy. Şu ýylyň 16-njy iýunynda kabul edilen Karara laýyklykda, Türkmenbaşy–Garabogaz–Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda umumy uzynlygy 354 metr, ini 21 metr bolan, ikitaraplaýyn gatnawly awtomobil köprüsiniň taslamasyny taýýarlamak we gurmak göz öňünde tutuldy diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Taslamany bu ugurda köpýyllyk tejribesi bolan «Dorožnoýe stroitelstwo «Altkom»» jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti amala aşyrar.

Täze köpri ýurdumyzyň günbatar we demirgazyk sebitleriniň, şeýle-de goňşy döwletleriň arasynda haryt dolanyşygynyň, ulag hem-de ýolagçy gatnawlarynyň möçberini has-da artdyrmaga mümkinçilik berer diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady. Bu köpri Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, Eýranyň we Hindistanyň ýük daşaýjylaryna deňiz, demir ýol hem-de awtomobil ulaglary arkaly Demirgazyk we Günbatar Ýewropa ýurtlaryna gysga ýol boýunça çykmakda netijeli hyzmat eder.

Bu giň möçberli işleriň amala aşyrylmagy Ýewropadan Merkezi Aziýa, Merkezi Aziýadan Ýewropa çenli ýükleri we ýolagçylary Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen üznüksiz gatnatmaga has amatly şertleri üpjün eder.

Deňiz ýakasynyň hem-de Garabogazkölüň baý tebigy baýlyklaryny özleşdirmäge, bu ýerleriň geografik ýagdaýlaryny öwrenip, netijeli ulanmaga ýardam berer. Şeýle-de, syýahatçylaryň Türkmenbaşy şäherinde we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döredilen şypahana-dynç alyş desgalaryny hyzmatyndan peýdalanmaklaryna mümkinçilik döreder. Soňra «Altkom» maliýe-senagat toparynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Aleksandr Tislenko söz berilýär.

Daşary ýurt kompaniýasynyň ýolbaşçysy ägirt uly ykdysady kuwwata eýe bolan hem-de sebitde parahatçylygyň, durnuklylygyň we abadançylygyň daýanjy diýlip ykrar edilen ajaýyp ýurt hasaplanýan Türkmenistan bilen 2009-njy ýylda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň taryhy barada aýdyp, şu ýyllaryň içinde Türkmenabat–Farap awtomobil köprüsiniň, Türkmenabat–Farap demir ýol köprüsiniň, Kerki–Kerkiçi awtomobil köprüsiniň, degişlilikde, Kerki–Ýmamnazar ugry boýunça iki demir ýol köprüsiniň, Daşoguz şäheriniň Halkara howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynyň gurluşyklarynyň taslamalaryny durmuşa geçirendiklerini belledi.

Soňra dabara gatnaşyjylara nobatdaky möhüm düzümleýin desganyň aýratynlyklary bilen tanyşdyrýan wideofilm görkezildi. Ol täze awtomobil köprüsiniň tehniki häsiýetnamalary hem-de ýurdumyzyň ýol-ulag düzümini mundan beýläk-de ösdürmek, goňşy ýurtlar bilen üstaşyr mümkinçilikleri giňeltmek we söwda-ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin bu desganyň ägirt uly ähmiýeti barada maglumat berýär.

Soňra ýaşajyk nesliň wekilleri hormatly Prezidentimizden täze awtomobil köprüsiniň gurluşygyna ak pata bermegini hem-de şu günki şanly waka mynasybetli geljek nesillere ýadygärlik ýazgy galdyrmagy haýyş edýärler. Döwlet Baştutanymyz ýadygärlik ýazgysyny ýörite guta ýerleşdirýär. Soňra hormatly Prezidentimiz köpriniň düýbüniň tutuljak ýerine barýar.

Ýygnananlaryň joşgunly el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz awtomobil köprüsiniň binýadyna türkmenistanlylaryň geljekki nesillerine ýüzlenip ýadygärlik ýazgy ýazylan gutyny goýberýär hem-de desganyň binýadyna pil bilen beton ergininiň guýup, gurluşyga badalga berýär.

## Abaý güni bellenildi

10-njy awgustda Gazagystan milli baýramçylygyny – ýurduň ýazuw edebiýatyny esaslandyryjy, şahyr Abaý Kunanbaýewiň hormatyna guralýan Abaý gününi belledi. Bu barada ýurduň Medeniýet we sport ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi.

Şol gün ýurtda dürli çäreler: sergiler, maslahatlar we döredijilik agşamlary geçirildi. Nur-Sultanyň Milli akademik kitaphanasynyň hem-de Almatydaky milli kitaphananyň öňündäki meýdançada iki şäheriň ylmy we döredijilik işgärleriniň wekilleriniň, ýaşajyklarynyň we myhmanlarynyň gatnaşmagynda şygryýet agşamlary geçirildi.



Mundan başga-da, ýurduň Merkezi döwlet muzeýi, Döwlet sungat muzeýi we Milli muzeýi Abaý gününe bagyşlap dürli çäreleri gurady. Çärelere Nur-Sultan we Almaty şäherleriniň döredijilik mekdepleriniň okuwçylary, şeýle hem ýaşlar gatnaşdylar. Şeýle-de, ýurduň sebitlerinde dürli çäreler geçirildi.

Şu ýyl meşhur şahyryň doglan gününiň 177 ýyllygy bellenilýär. Türki halklaryň medeniýeti we sungaty boýunça halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ 2019-njy ýylyň dekabrynda 2020-nji ýyly Abaý Kunanbaýew ýyly diýip yglan etmek barada karar kabul edipdi. Filosof, şahyr we pikirdeş Abaý Kunanbaýew 1845-nji ýylyň 10-njy awgustynda dünýä inýär.

## Halkara syýahatçylyk sergisi geçiriler

Daşkentde şu ýylyň 30-njy noýabryndan 2-nji dekabry aralygynda «Ýüpek ýolundaky syýahatçylyk» atly 27-nji halkara syýahatçylyk sergisi geçiriler. Milli PR merkezi hem-de ýurduň Syýahatçylyk we medeni miras ministrligi bu çäräniň guramaçysy bolup durýar.



Her ýyl serginiň maksatnamasynyň çäklerinde dürli maslahatlar, tegelek stollar, syýahatçylyk hyzmatlarynyň we senetleriň sergileri, ýurduň sebitleriniň syýahatçylyk mümkinçiliklerini görkezmek, gastronomiýa we beýleki çäreler guralýar.

2019-njy ýylda Daşkendiň halkara syýahatçylyk ýarmarkasynyň çäklerinde 15 müňden gowrak gepleşik geçirilip, 9 müňden gowrak hyzmatdaşlyk şertnamasyna gol çekildi. Ýarmarka 23 müňden gowrak myhman, şol sanda, syýahatçylyk pudagynda iş alyp barýan müňden gowrak daşary ýurtly hünärmen gatnaşdy.

«Daşkendiň «Ýüpek ýolundaky syýahatçylyk» atly halkara syýahatçylyk ýarmarkasy - Özbegistanyň we tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň syýahatçylyk pudagynda iň uly wakadyr» diýlip, ministrligiň saýtynda bellenilýär. Bu çäre BMG-niň Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň resmi goldawy bilen 1995-nji ýyldan bäri geçirilýär. Bu sergi her ýylda dünýäniň dürli künjeklerinden syýahatçylyk boýunça işewür hünärmenleri bir ýere jemleýär.

## Tomsuň arzyly önümi

**Garpyz diňe bir ýokumly bakja önümi bolman, eýsem, bejergilik häsiýetiniň bardygy bilen tapawutlanýar. Onuň düzüminde PP, C, D, B1, B2 we B6 ýaly dürli witaminler, karotin, demir duzlary, mis, fosfor, kaliý, kalsiý, sink, foliew kislotasy bar. Garpyzdaky ähli mikroelementler we witaminler bagryň alyş-çalyş prosesini, ödüň işini sazlap, daş ýygnamagynyň we sklerozyň öňüni alýar. Şonuň üçin ol sary getirmede we öt haltajygynyň çişip, ýollarynyň ýapylmasynda peýdalanylýar. Düzümindäki foliew kislotasy gan öndürmäge we bedeniň birnäçe biohimik reaksiýalaryna gatnaşýar. Şonuň üçin ganazlykda garpyz iýmek maslahat berilýär. Şeýle hem gipertoniýa, ýürek-damar kesellerinde, bogun agyrylarynda garpyz iýmek peýdalydyr. Garpyz – buşukdyryjy serişde bolup, böwregi, peşew haltasyny we onuň ýollaryny daşlardan arassalaýar.**

**Garpyz içegäniň ýygrylmagynyň öňüni alyp, onuň mikroflorasyny has-da gowulandyrýar. Garpyz düwnük öýjükleri bilen göreşde aýratyn ähmiýete eýe bolup, görşüňi has-da ýitileşdirýär. Garpyzyň çigidinde magniý, demir, marganes, kalsiý, A, B, C witaminleri we 25-30 göterim ýag bar. Garpyz çigidi ýady güýçlendirýär, böwregiň, ödüň işini sazlap, gan basyşyny peseldýär.**



## Bildiriş

«Türkmen enjam» hojalyk jemgyýetine degişli bolan 19-68 AGA belgili Çarşakly ýük gükleýji traktoryň tehniki talonynyň ýitirilendigi sebäpli, onuň güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

## Ýeňil özleşýän iýmit

Greçka türgenleriň iýmiti hökmünde gadymy döwürlerden bäri bellidir. Bu ynsan bedeni üçin juda peýdaly önümleriň biridir. Greçkany balykly we etli naharlarda garnir hökmünde ulanyp bolýar. Mesge goşup, kömelek bilen birlikde bişirip bolýar. Greçka, esasan hem, süýji keselinden ejir çekýänlere has-da peýdalydyr. Bu önüm artykmaç agramdan dynmaga kömek edýär. Eger-de siz gorasanlyk naharynda salat bilen greçka iýjen bolsaňyz, onda siz uzak wagtlap açlyk duýmarsyňyz. Greçka tiz doýurýar, bedende oňat özleşýär, şeýle hem iýmit siňdiriş ulgamyny kadalaşdyrýar.

Greçka düzüminde demir saklaýanlygy üçin aýratyn ähmiýete eýedir, şonuň üçin ony ganazlykdan ejir çekýänleriň iýmit sanawyna goşmak maslahat berilýär. Greçkany ertirlik naharynda hem iýip bolar. Mysal üçin, 50 gram greçkany bişirip, oňa mesge garsaňyz ertirligiňiz taýýar bolar. Et iýmekden saklanýanlaryň bu önüme aýratyn üns bermekleri gerekdir. Çünki greçkanyň düzüminde gymmatly beloklar saklanýar. Greçkanyň flawonoidlere juda baýdygy sebäpli, onuň düwnük keseliniň howpunyň öňüni almakda peýdalydygy subut edildi. Eger-de iş güni agyr geçen bolsa, onda agşamlyk naharyny greçkadan taýýarlaň. Çünki bu önüm ýadawlygyňy aýyrup, şähdiňi hem açýar.



ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 12-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109935
Belgisi: 32/1494
Tiražy: 6747
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Sebitleriň ösdürilmeginde telekeçiligiň orny

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hususy gurluşykçylarymyz döwrümiziň beýik gurluşyklaryndan bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döwrebap dynç alyş düzüminiň kemala gelmegine hem işjeň gatnaşýarlar. Türkmen telekeçileriniň yhlasly zähmetinden bina bolan bir wagtda 900-e golaý adamy kabul etmäge ukyply hem-de 240 maşgala niýetlenen täze kottej şäherçesi «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň dynç alyş-şypahana düzüminiň mümkinçiliklerini has-da artdyrdy. Sebäbi bu toplum öňdebaryjy tehnologiýalardan hem-de gurluşyk, binagärlik we bezeg ulgamlaryndaky özboluşly çözgütlerden peýdalanylyp, täzeçil çemeleşmeleriň esasynda bina edildi. Munuň özi hususy işewürlerimiziň döwrüň talabyndan ugur alyp, dünýä ülňülerindäki binalary döretmäge ukyplydyklaryny ýene bir ýola subut etdi.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan hem-de Arkadagly Serdarymyzyň üstünlikli dowam etdirýän hemmetaraplaýyn ösüş we özgertmeler syýasatynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň has-da işjeňleşdirilmegine uly ähmiýet berilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem hususy pudagyň işiniň gerimini giňeltmek, ýurdumyzyň baý tebigy çig mal gorlaryna, döredilen infrastruktura amatlyklaryna, öňdebaryjy dünýä tejribelerine hem-de döwrebap tehnologiýalara esaslanyp, kämil önümçilikleriň döredilmegini höweslendirmek we döwlet tarapyndan goldamak babatda wezipeler bellenendir.

Hususy ulgama berilýän yzygiderli goldawlaryň netijesinde oba hojalyk we azyk önümçiligi bilen meşgullanýan hususyýetçileriň sany ýylsaýyn artýar. Döwrebap maldarçylyk hem-de guşçulyk toplumlary, ýyladyşhanalar, azyk we gaýtadan işleýän senagat kärhanalary, zawodlar gurlup, täze önümçilikler işe girizilýär. Bu gün sarp ediş bazarlarymyz öz öndürýän azyk önümlerimiz bilen üpjün edilýär, hatda ýokary hilli bäsdeşlige ukyply harytlarymyz daşarky bazarlarda mäkäm ornaşýar, täze bazarlar özleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen telekeçiligiň maddy-enjamlaýyn binýady hem yzygiderli berkidilýär. Birleşmäniň oba hojalyk pudagynda zähmet çekýän agzalary ýeňillikli şertler esasynda dünýäniň meşhur «John Deere» kompaniýasynyň iň kämil we häzirki zaman traktorlarynyň, kombaýnlarynyň, oba hojalyk abzallarynyň we tirkeg gurallarynyň hakyky eýeleri bolýarlar.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda hususy pudagyň mümkinçilikleri giňden ulanylyp, hususyýetçilerimize hemmetaraplaýyn goldawlar berilýär. Ykdysady we telekeçilik, maýa goýum işjeňligini höweslendirmek maksady bilen, Türkmenistanyň degişli kanunçylyk namalary döwrüň talabyndan ugur alnyp, yzygiderli kämilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işjeň maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň sebitlerinde gaýtadan işleýän we ahyrky önümleri öndürýän senagat pudaklaryny ýokary depginler bilen ösdürmek bilen bir hatarda, durmuş ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga hem-de häzirki zaman durmuş-medeni maksatly binalaryň gurluşyklaryny hem amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Bu işlere Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň gatnaşmaklary Arkadagly Serdarymyzyň ýurdumyzyň telekeçilerine bildirýän uly ynamyndan nyşandyr hem-de türkmen işewürleriniň has-da jogapkärli we netijeli zähmet çekmeklerine itergi berýän egsilmez güýçdür.

Milli ykdysadyýetimizde hususy bölegiň tutýan paýynyň ýokarlanmagy, bazar gatnaşyklarynyň işjeňleşdirilmegi hem-de ýurdumyzda hususyýetçiligiň erkin ösdürilmegi üçin hemmetaraplaýyn goldawlary berýän Arkadagly Serdarymyza çäksiz alkyşlarymyzy aýdýarys.

**Ogultäç NURÝAGDYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*





# Awazada halkara maslahaty geçiriler

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Bu ýerde 15-16-njy awgustda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag boýunça maslahaty geçiriler.

Maslahata 30-dan gowrak döwletleriň wekiliýetleri, şeýle hem 30-dan gowrak halkara we ýöriteleşdirilen guramalaryň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Bütindünýä Gümrük Guramasynyň, Halkara Awtoulag bileleşiginiň, Halkara elektrik aragatnaşyk bileleşiginiň, TRASEKA ýaly birnäçe bank we maliýe guramalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagyna garaşylýar.

29-njy iýulda Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri bu halkara maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahaty geçirmek bilen baglanyşykly resminamalary taýýarlamagy we degişli iş toparyny döretmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz ulag ulgamyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň berkidilmegine we ösdürilmegine gönükdirilen bu forumyň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmeginiň zerurdygyny belläp, bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan BMG derejesinde ulag meseleleri boýunça ählumumy gepleşikleriň başyny başlaýjy bolup çykyş edýär. 2016-njy ýylda Türkmenistanyň paýtagtynda Durnukly ulag ulgamy boýunça ilkinji ählumumy maslahat geçirildi. Şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda ylalaşyk esasynda durnukly ulag we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek baradaky kararnamalaryny kabul etdi.

Geçen ýyl tomus paslynyň soňky aýynda bu kenaryň gözel künjekleri has-da ajaýyp keşbe, toý lybasyna beslenip, Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda köptaraply döwletara gatnaşyklary ösdürmäge we berkitmäge ýardam etjek taryhy ähmiýetli waka, ýagny Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy geçirilipdi.

Şeýle hem şol günler Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň milli tagamlarynyň halkara festiwaly, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň halkara sergisi hem üstünlikli geçirildi.

Parahatçylygyň, dost-doganlygyň merkezi bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda daşary ýurtly myhmanlaryň gatnaşmagynda möhüm çäreleriň birnäçesiniň geçirilmegi, Watanymyzyň naýbaşy däpleriniň biri bolan myhmansöýerligiň ýene-de bir subutnamasy bolar.

Halkara başlangyçlaryň başynda duran, dünýä ýüzünde Türkmenistanyň at-abraýyny barha belende göterýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun.

**Ýazgül ÝAZBAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň hünärmeni.*







# «Gyzyl kürtäniň» kyssasy

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen türkmen milli sungaty täze ösüş ýoluna düşdi. Muny kino sungatynda döredilýän dokumental we çeper filmler hem aýdyň tassyk edýär. Ýaňy ýakynda Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan surata düşürilen «Gyzyl kürte» hem-de «Istärin» atly çeper filmler TÜRKSOÝ halkara guramasy tarapyndan Türkiýäniň Bursa şäherinde çeper filmleriň gözden geçirilişine gatnaşdy. Şeýlelikde, «Gyzyl kürte» çeper filmi bu guramanyň Russiýa Federasiýasynyň Ýekaterinburg şäherinde hem-de Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçiriljek kinofilmleriň nobatdaky gözden geçirilişine gatnaşmaga hukuk gazandy. Biz «Gyzyl kürte» çeper filminiň gözden geçirilişlerde mynasyp baha eýe bolup, şu ýylyň aýagynda TÜRKSOÝ halkara guramasy tarapyndan Türkiýäniň «Gorkut ata» adyndaky Halkara kinofestiwalynyň jemleýji tapgyrynda üstünlik gazanjakdygyna ynam bildirýäris.***

Öwezmyrat Ýerbendi bilen Atamyrat Şagulyýewiň ýazan edebi eseri esasynda surata düşürilen «Gyzyl kürte» çeper filmi şu ýylyň maý aýynda ýurdumyzda Ýeňiş baýramy bellenilen günlerde milli telewideniýäniň «Altyn asyr: Türkmenistan», soňra «Miras» teleýaýlymynda tomaşaçylara hödürlendi. Çeper filmiň tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsini gazanandygyny turuwbaşdan belläp geçmek isleýäris. Muny internetiň üsti bilen dünýä ýüzünde bu filme tomaşa edenleriň sanynyň bir milliona golaýlandygy tassyk edýär. Filmde Goýunsüren aganyň keşbini döreden artist hökmünde men bu film hakynda käbir pikirlerimi okyjylar bilen paýlaşmagy müwessa bildim.

Çeper filmiň edebi esasyny okanyňda, tanymal gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň, gruzin ýazyjysy Nodar Dumbadzeniň, rus ýazyjysy we kinoaktýory Wasiliý Şukşiniň eserlerindäki ýönekeý sada oba adamlarynyň durmuşy hyýalyňda janlanýar. «Gyzyl kürte» hem awtorlarymyzyň oba durmuşyny, galyberse-de dünýä edebiýatyny gowy bilýändiklerinden habar berýär. Aslynda, awtorlaryň ikisi-de türkmen obasynda önüp-ösen adamlar. Eseriň diliniň sadalygy, uruş döwrüniň dartgynly wakalarynyň gönüden-göni türkmen durmuşynyň içinden susulyp alnandygy onuň ýatda galyjy bolmagyny üpjün edýär. Filmi boýdan-başa synlanyňda onuň režissýory Sahysalyh Baýramowyň, suratkeşler Şadurdy Alowow bilen Arslan Hojammaýewiň, operatorlar Maksat Hojabaýew bilen Nurýagdy Şyhyýewiň öz işine yhlasly çemeleşendigine göz ýetirmek bolýar. Filmdäki gahrymanlaryň keşbini janlandyran artistleriň ýerlikli saýlanyp alynmagy režissýoryň üstünligi hasap etmek bolar.

Filmiň esasyny ýazanlar keşpleri suratlandyranlarynda gahrymanlaryň, esasan-da, Göwher gelin bilen Anna poçtalýonyň keşbini has aýdyň suratlandyrypdyrlar. Filmde Göwher gelniň kalbyndaky söz bilen düşündirip bolmajak gamgyn hasratyny, inçe duýgularyny, ýürek lirikasyny görmek bolýar. Ol filmde uruş döwründe ýar ojagyny saklap galan türkmen gelinlerine mahsus bolan ähli gowy gylyk-häsiýetleri özünde jemleýär.

Hekaýada baş gahryman Meretli heniz ýüzüni görmedik, Tejen aýagyndan getiriljek gelnine toý sowgadyny almak üçin şähere gidýär. Şol wagt bolsa uruş başlanýar. Meretli öz islegi bilen şol ýerden göni meýletin urşa gitmegi ýüregine düwüp, gelinligine sowgat-salam iberýär. Bir tagta kagyza-da: «Men gelýänçäm başyňdan gyzyl kürtäňi aýyrmagyn» diýip sargyt edýär.

Gelin gelýär. Indi näme etmeli diýen sowal döreýär. Oba adamlary öňden gelýän ýörelgä eýerip Meretliniň telpegine we Göwher gelne nika gyýýarlar.

Şu ýerde «Näme üçin telpege nika gyýylýar?» diýen sowalyň ýüze çykjakdygy tebigy ýagdaýdyr.

Telpek adamyň depesinde ýerleşip, ondan ýokarda hiç bir zat ýok. Telpek ynsan bilen Allatagalanyň arasynda ruhy baglanyşdyryjy köpri bolup durýar. Şonuň üçin hem türkmençilikde telpek arassa, aýak basardan ýokarda saklanypdyr. Telpek bir adamdan beýleki bir adama nesýe berilmändir.

Ýazyjylar filmi durmuşda bolup geçen waka esasynda ýazdylar. Filmde Göwher gelniň keşbinde çykyş eden Aýna Jumaýewa Ýerbent ýaýlasyna durmuşa çykyp baran Nurbibi Burunowanyň keşbini janlandyrdy. Nurbibi heniz ýigrimi ýaşyndaka ol ýere durmuşa çykyp barypdyr. Şeýdip ol baran ojagynda wepalylygyň belent nusgasyny görkezip, ýetmiş üç ýyl ýaşapdyr. Tä togsan üç ýaşaýança-da ýanýoldaşynyň sargydyny jäht tutup, başyndan gyzyl kürtesini aýyrman gezipdir. Bu hut beýik Magtymgulynyň:

*Bu dünýe mülküne soltandyr-şadyr,*
*Kysmatyna kaýyl bolsa adamzat*

– diýen setirleriniň beýanydyr.

Göz öňüne getirip göreliň! Heniz ýanýoldaşynyň ýüzüne ýüzi düşmän, onuň bilen birje sapar gürleşip görmän şunça mahal gözi girýan ýola bakyp, intizar halda mertlerçe ýaşamak nähili belent ruhy güýji talap etdikä?! Megerem, muny diňe türkmen zenany başaryp bilen bolsa gerek.

Film surata düşürilip ýörkä, Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesiniň ýaşaýjysy Taňryberdi hajy bize şeýle gürrüň berdi:

– Men ýaşlyk ýyllarymda obada buldozer sürýärdim. Şol ýyllarda güýçli syrgyn gelip, obamyzy çäge basýan gezekleri bolardy. Şonda bir gün daýhan birleşigimiziň ýolbaşçysy maňa Nurbibi ejäniň howlusyndaky çägeleri aýyrmagy tabşyryk berdi. Nurbibi eje gaty sylagly zenandy. Obanyň ýaşululary bize heran-haçan öýüniň golaýyndan geçeniňizde Nurbibi ejä hökman salam berip geçiň diýip tabşyrardylar.

… 2015-nji ýylda Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, ilhalar spektakllaryň awtory, görnükli kinorežissýor, ýazyjy, alym, halypa Baýram Abdyllaýew gum içindäki Ýerbent obasyna baryp Nurbibi ejäni surata düşürýär. «Gyzyl kürte» filminiň ahyrynda diýseň tolgundyryjy bu waka görkezilýär. Şonda Nurbibi eje ýanýoldaşynyň ýazan hatlaryny doga ýaly edip saklap, onuň ýollan bir goşgusyny ýatdan aýdyp berýär:

*Geler diýip gündogaryn bakmagyn,*
*Gelmez diýip janyň oda ýakmagyn,*
*Her bir öňýetene adym dakmagyn,*
*Munda kän eglensem komandir käýýär.*

Bu goşgy Nurbibi ejäniň ýanýoldaşynyň sowatly adam bolandygyndan habar berýär. Goşgynyň içki mazmunynda gelsem-gelmesem mukaddes nikamyzy hem-de ojagymyzy sakla diýen many jemlenýär.

Dürli döwürlerde Beýik Watançylyk urşuna bagyşlanyp döredilen kino eserleriniň ençemesi altyn fonda girizildi. Şeýle eserleriň naýbaşylarynyň hatarynda «Esgeriň kakasy», «Adamyň ykbaly», «Olar Watan üçin söweşdiler», «Esger hakynda ballada», «Gelin» we ýene-de birnäçe çeper filmi mysal görkezmek bolar. «Gyzyl kürte» çeper filmini hem şeýle şowly filmleriň hatarynda goýmak bolar.

Filmiň ahyry Gahryman Arkadagymyzyň 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gaýdyp gelmedik esgerleriň ýagty ýadygärligine bagyşlap döreden «Durnalar» atly goşgusyna döredilen aýdym bilen jemlenýär. Bu aýdym Gahryman Arkadagymyzyň ata-babalarymyza, şeýle-de «Durnalar» aýdymyny ilkinji döreden ussatlara bolan hormaty bolup ýaňlanýar.

*Hatyra günleri gelen mahaly,*
*Eşdiler asmandan aýdymly bir ses.*
*Nyzama düzüler esgerler ýaly,*
*Hem Frankel, hem Gamzatow, hem Bernes.*

**Elýas GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky akademiki baş drama teatrynyň Oýun goýujylyk bölüminiň müdiri.*










# Gündogar Aziýanyň ýörgünli dili

Giň dünýägaraýyşly, sowatly, Watana wepaly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde hormatly Prezidentimiz bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde birnäçe möhüm wezipeleri goýýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda beýleki ugurlar bilen bir hatarda, daşary ýurt dillerini öwretmäge hem aýratyn uly üns berilýär.

Dil öwrenmek ynsan üçin täze bir dünýäni, täze gapyny açýar. Aragatnaşygyň möhüm serişdesi bolan dil diňe aragatnaşyk hyzmatyny ýerine ýetirmän, eýsem, bütin dünýäde halklaryň arasynda parahatçylygy gorap saklamagyň möhüm guralyna öwrüldi. Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň netijesinde, dünýäniň beýleki döwletleri bilen hoşniýetli, parahatçylyk söýüjilikli, dost-doganlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Halkara gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde ýurdumyzyň bilim ojaklarynda beýleki diller bilen birlikde, hytaý dilini öwretmekligiň zerurlygy hem artdy.

Hytaý dili sino-tibet (hytaý – tibet) dil maşgalasynyň möhüm ugrudyr. Bu dilde Hytaýyň milliarddan gowrak ilatynyň 90 göterimi gürleýär we Indoneziýa, Kamboja, Laos, Wýetnam, Mýanma, Malaýziýa, Tailand, Singapur ýaly ýurtlarda hem giňden ýaýran. Hytaý dili HHR-iň we Singapuryň resmi dili bolup, BMG-niň alty sany resmi we iş dilleriniň biri bolup durýar. Dilleri garyndaş bolmadyk Ýaponiýa we Koreýa ýaly Hytaýyň goňşy döwletleri hem asyrlarboýy Hytaý ýazuwyny ulanypdyr. Hytaý dili has giňden ýaýran häzirki zaman dilleriniň biri bolup, dünýä boýunça bu dilde jemi 1,3 milliard adam gürleýär.

Ieroglif ýazuwy hytaýça «hanzi» diýlip atlandyrylýar. Hytaý dilinde, takmynan, 80 müňden gowrak ieroglif we fonetiki ses bar. Gazet-žurnal okamak üçin ortaça 3 müňden 5 müňe çenli alamat bilmelidir. Orta mekdeplerde 5 müň ieroglif öwredilýär. Ieroglifleriň iň uly sözlüginde 50 müň töweregi ieroglif bolup, häzirki zaman gazetlerinde onuň 6-7 müňüsi ulanylýar. Olar diliň birligini saklamaga ýardam berýär.

## ŞIWELER

Häzirki zaman hytaý dilinde 10 dialekt topary bar. Olar demirgazyk topary «beý», (iň köpsanlysy bolup, 800 milliondan gowrak adam gürleýär), «szin», «hoý», «u», «sýan», «gan», «hakka», «ýue», «pinhua» we «min» ýaly toparlara bölünýärler. Ýöne bu toparlar biri-birinden düýpgöter tapawut etmeýärler. Hemmeler tarapyndan kabul edilen ýa-da umumy milli dil «putunhua» Pekiniň şiwesine esaslanýar. Ýewropada «mandarin» diýlip atlandyrylýan «putunhua»-nyň fonetik ulgamy onçakly çylşyrymly däl.

## ELIPBIÝ BOÝUNÇA ÝAZUW ULGAMY

Hytaý dilinde elipbiýde ýazuw döretmek boýunça ilkinji synanyşyklar XVII asyrda başlanýar. Ýöne belli bir şiweler üçin döredilen elipbiýleriň aglabasy giňden ýaýramandyr. 1926-1931-nji ýyllarda belli hytaý lingwistleri latyn grafikasy esasynda «romanizirlenen elipbiý» boýunça ýazuw döredýärler. Hytaý diliniň (putunhua) ýazuwy üçin işlenip düzülen elipbiý ulgamlarynyň arasynda uzak wagtlap, Ueýda Jaýlsyň transkripsiýa ulgamy ulanyşda bolupdyr. Ol birnäçe üýtgedilen galypda 1979-njy ýyla çenli dürli neşirlerde ulanylýar. Emma soňlugy bilen 1958-nji ýylda kabul edilen beýleki bir latyn elipbiýi «pinin» has giňden ulanylyp başlapdyr. «Pinin» 1930-njy ýylda işlenip düzülen latynlaşan ýazuwyň – Ueýda Jaýlsyň transkripsiýa ulgamynyň göni mirasdüşeri hasaplanýar.

Häzirki zaman şiweleriniň köpüsi demirgazyk-günbatar çäkleriniň dilinden, hususan hem, Çanan (häzirki Sian, Şensi welaýaty) şäheriniň merkezinden gözbaş alyp gaýdýar. Çanan şäheri köp dinastiýalaryň medeni we syýasy merkezi bolanlygy üçin bu etrabyň gürleýşi giňden ýaýrapdyr. Gadymy hytaý dili özüniň gözbaşyny Konfusiniň döwründen (çen bilen miladydan öň 550–480-nji ýyllar) alyp gaýdýar.

## KITAP DILI

Kitap dili «wenýan» – «nusgawy hytaý dili» diýlip atlandyrylyp, ýakyn günlere çenli ýeke-täk, umumy we hemmetaraplaýyn ulanylýan ýazuw galybydy. XX asyryň birinji ýarymynda «wenýan» işjeň ulanylandygyna garamazdan, ýazuw aragatnaşygynda hemmä düşnükli dil hökmünde «putunhua» tassyklanýar. Onuň esasynda demirgazyk sebitleriniň gepleşik dilini beýan edýän ýazuw dili «baýhua» ýatyr. «Wenýan»-yň aýratynlygy bolsa, onda diňe bir umumymilli derejede hat ýazylman, eýsem, umumy edebiýatyň jeminiň önümidir. Eger-de ol ieroglif bilen ýazylmadyk hem bolsa, barybir ähli sebitler üçin umumy dil bolardy. Şu günki günde «wenýan» häzirki zaman durmuşynyň dürli ugurlary üçin adalga döretmek maksady bilen ulanylýar.

## HÄZIRKI ZAMAN ÖSÜŞI

Hytaý dili beýleki halklaryň dilleri ýaly hemişe özgerişlere duçar bolupdyr. Ýöne häzirki wagtda HHR-de bolup geçýän üç ýagdaýa aýratyn üns çekmek isleýäris: umumymilli dili bir nusga geçirmek, edebiýaty halkyň diline golaýlaşdyrmak hereketi we ýazuw reformasy. Takmynan, dört asyryň dowamynda Beýpin, Beýszin we Pekin diýlip atlandyrylan demirgazyk paýtagtyň dili has giňden ýaýrap, ol, «guanhua» – «ýolbaşçylaryň resmi dili», «goýuý» – «milli dil» we «putunhua» – «hemmä düşnükli ýerli dil» diýlip atlandyrylypdyr. Onuň esasynda Pekin şiwesi ulanylýar.

Edebi dili halkyň gepleşik diline ýakynlaşdyrmak hereketi dili ulanmakda esasy maksat bolup hyzmat edýär. Gündelik durmuşda «wenýan»-yň ýerine ulanylýan gepleşik dili «baýhua», 1917-nji ýyldan soň, çynlakaý eserleri ýazmakda kabul ederlikli dil hasaplanypdyr. Häzirki wagtda «baýhua»-da kitaplar we döwürleýin neşirler çap edilip, «wenýan»-y gün-günden gysyp çykarýar.

Üçünji proses – ýazuw reformasy. Hytaýyň ýazuw ulgamy miladynyň II asyryna çenli düýpli özgerişlige duçar bolmandyr. Bar bolan ieroglifler bolsa, ähli sözleri diýen ýaly bir bogundan ybarat bolan «wenýan» diýlip atlandyrylýan nusgawy Hytaý diliniň ýazgylary üçin oňat gabat gelipdir. «Baýhua»-nyň ýaýramagy we sözleriň fonetik gurluşynyň üýtgemegi bilen köp sanly fonetik üýtgeşiklikler aradan aýrylypdyr. Bu bolsa, hytaý dialektlerini ulanyjylaryň «wenýan»-da hiç haçan gürlemeýändiginiň bir sebäbidir.

1910-njy ýyldan häzirki wagta çenli «putunhua»-dan ders bermek we ülňülere laýyk sözleýişi öwretmek utgaşdyrylyp, sowatlylygy artdyrmak maksady bilen dürli çäreler amala aşyrylýar. Şeýle hem ieroglifleriň ýazuwyny sadalaşdyrmak boýunça dürli çäreler amala aşyryldy. Şeýlelikde, «putunhua» gündelik gepleşikde ýerli dialektleriň ýerini tutmagy üçin üstünlikli ornaşdyrylýar.

«Pinin» – «Hytaý diliniň sesleriniň ýazuwy» ulgamyna gönükdirilen ýokary üns, ony HHR-de daşary ýurtlarda ýaýratmaga gönükdirilen neşirleri tassyklamaga itergi berdi. HHR-iň uzak möhletli maksatnamasynda ieroglifleri «pinin» («dürs ýazuw») bilen çalyşmak göz öňünde tutulyp, ol hytaý ýazuwynyň umumy kabul edilen ulgamyna öwrüler.

1979-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, «Sinhua» habarlar agentligi daşary ýurtlar üçin ýazýan habarlarynda «pinin» usulyny ulanmaga başlady. Ol Hytaý dilini romanizirleme ulgamy bolup, HHR-de resmi derejesi bar.

Dünýäniň ösüp-özgermegi, kämilleşmegi, dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň has-da ýygjamlaşmagy daşary ýurt dillerini öwrenmegi talap edýär. Çünki, ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap sowatly bolmagyna aýratyn üns berilýär, bu ugurda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

**Gülälek SÖÝEŞOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň magistranty.*

# Gustawo Petro kasam kabul etdi

Kolumbiýanyň Prezidenti Gustawo Petro 7-nji awgustda kasam kabul edip, Bogotanyň Boliwar meýdanynda geçirilen dabaradan soň wezipesine girişdi. Ol «Taryhy şertnama» partiýasyna wekilçilik edýän Kolumbiýanyň ilkinji Prezidenti boldy. Parlamentiň başlygy Roý Leonardo Barreras Prezidentiň häkimiýetiniň nyşanlaryndan biri bolan milli baýdagyň reňkindäki lentany hem-de parahatçylygyň nyşany hökmünde kepderi şekilli nyşany Gustawo Petronyň döşüne dakdy.

Şeýle hem täze wise-prezident Fransiýa Markes kasam kabul etdi. Dabaraly çäräniň hormatly myhmanlarynyň arasynda Ispaniýanyň Koroly Filip VI, Argentinanyň Prezidenti Alberto Fernandes, Boliwiýanyň Prezidenti Luis Arse, Paragwaýyň Prezidenti Mario Abdo Benites, Çiliniň Prezidenti Gabriel Boriç we Ekwadoryň Prezidenti Gilermo Lasso bar.

Gustawo Petro şu ýylyň 19-njy iýunynda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda 50,4% sese eýe bolup ýeňiş gazandy. Onuň esasy bäsdeşi Rodolfo Ernandes 47,3% sese eýe boldy. Korrupsiýa garşy göreş, arassa energiýa çeşmeleri arkaly nebitiň we kömrüň ulanylmagyny azaltmak,



oba hojalygy bilen meşgullanýan kiçi we orta kärhanalara salgyt salynmagyny azaltmak we tutuş ýurdy internet bilen üpjün etmek täze Prezidentiň maksatnamasynyň esasy ugurlary bolup durýar. Şeýle hem Petro käbir ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklaryny dikeltmek we ABŞ bilen erkin söwda şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek baradaky pikirini birnäçe gezek mälim etdi.

# LIZ TRASS ÖŇDE BARÝAR

Beýik Britaniýanyň Konserwatiw partiýasynyň agzalarynyň, azyndan, 60%-i Premýer-ministr üçin geçiriljek saýlawlarda daşary işler ministri Liz Trassa ses bermäge taýyn. Bu barada «Times» gazeti üçin pikir soralyşyk geçiren «YouGov» barlag kompaniýasynyň maglumatlarynda tassyklanylýar.

Pikir soralyşyklaryň netijelerine görä, konserwatiwleriň 60%-i Trassa, onuň bäsdeşi, öňki maliýe ministri Rişi Sunaka bolsa, 26%-i ses bermäge taýyn. Olaryň 13%-i heniz belli bir karara gelmändiklerini aýtdylar. Pikir soralyşyk 29-njy iýuldan 2-nji awgust aralygynda Konserwatiw partiýanyň 1043 agzasynyň arasynda geçirildi.

Beýik Britaniýada 20-nji iýulda, Konserwatiw partiýanyň parlamentdäki agzalary tarapyndan geçirilen bäşinji tapgyr, ýurduň Premýer-ministri boljak partiýanyň liderini saýlamak üçin geçirildi. Onuň netijelerine görä, daşary işler ministri Liz Trass we öňki maliýe ministri Rişi Sunak saýlaw bäsleşiginiň finalyna çykdylar.

Iň soňky tapgyrda iki finalçynyň ýeňijisini partiýanyň ähli agzalary saýlar, olar häzirki wagtda 200 müňe golaý. Ses bermek poçta arkaly geçiriler. Netijeler 5-nji sentýabrda, tomus dynç alşyndan soň parlament işine täzeden başlanda yglan ediler. 2019-njy ýylda Tereza Meýiň ornuna gelen Boris Jonson 7-nji iýulda Premýer-ministr we Konserwatiw partiýanyň lideri wezipesinden çekilýändigini habar berdi.




# ASEAN-yň daşary işler ministrleriniň maslahaty

Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary birleşiginiň (ASEAN) daşary işler ministrleriniň 55-nji maslahaty Kambojanyň paýtagty Pnompende sebitleýin hyzmatdaşlyga degişli 30 töweregi resminamanyň kabul edilmegi bilen tamamlandy. Bu barada wise-premýer, Kambojanyň daşary işler ministri Prak Sokhon 6-njy awgustda maslahatdan soň guralan metbugat ýygnagynda aýtdy.

– ASEAN jemgyýetini berkitmekde, sebitleýin integrasiýany ösdürmekde we daşarky hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlygymyzy giňeltmekde şu wagta çenli gazanylan üstünlikleri gözden geçirdik – diýip, ol belledi.

Ol daşary işler ministrleriniň we 38 ýurduň wekilleriniň gatnaşan maslahatynda üç ýarym günüň içinde 19 duşuşygyň guralandygyny aýtdy.

– Biz syýasat, howpsuzlyk, ykdysadyýet, jemgyýetçilik we medeniýet ugurlaryndan başlap, daşary gatnaşyklara çenli 30-a golaý resminamany gutarnykly kabul etdik we tassykladyk. Biz ASEAN ýurtlarynyň hemmetaraplaýyn dikeldiş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişiniň barşyna hem-de birleşigiň pandemiýadan soň, dikeldiş tagallalaryny çaltlandyrmak üçin meýilnamalarynyň durmuşa geçirilişine kanagatlanma bildirdik – diýip, Prak Sokhon belledi hem-de maslahata gatnaşan ministrleriň üpjünçilik zynjyryny berkitmegiň, ykdysady dikeldişi goldamagyň we sebitiň durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň zerurdygyny tassyklandyklaryny sözüniň üstüne goşdy.

Prak Sokhonyň aýtmagyna görä, ASEAN-yň daşary işler ministrleri we onuň gepleşik boýunça hyzmatdaşlary gyzyklanma bildirilýän sebitara we halkara meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Kamboja 2022-nji ýylda ASEAN-yň başlygydyr.

ASEAN – Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşýän 10 ýurduň syýasy, ykdysady we medeni, sebitleýin hökümetara guramasydyr. ASEAN 1967-nji ýylyň 8-nji awgustynda Bangkokda «Bangkok jarnamasy» diýlip tanalýan «ASEAN jarnamasyna» gol çekilmegi bilen esaslandyrylýar. ASEAN diňe 1976-njy ýylda Bali adasynda gol çe-



kilen Günorta-Gündogar Aziýada dostluk we ASEAN-yň ylalaşyk jarnamasy esasynda resmileşdirildi.

ASEAN 10 döwletden ybarat. Guramany esaslandyrmaga Indoneziýa, Malaýziýa, Singapur, Tailand we Filippinler (1967-nji ýyl) gatnaşyp, soňra oňa Bruneý (1984-nji ýyl), Wýetnam (1995-nji ýyl), Laos we Mýanma (1997-nji ýyl), Kamboja (1999-njy ýyl) goşuldy. ASEAN-a agza ýurtlaryň ilaty, takmynan, 650 million adam, jemi içerki önümi bolsa 737 milliard dollara barabar.

# FAO: Dünýäde azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

Iýul aýynda dünýäde azyk önümleriniň bahalary ýene-de aşaklady. Bu barada BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy (FAO) mälim etdi. FAO-nyň azyk önümleriniň bahasynyň ortaça görkezijisi geçen aý 140,9 bal bolup, iýun aýyndan 9% pes boldy. Şeýle-de bolsa, bu görkeziji mart aýynda bellige alnan 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 13,1% ýokarydyr. Şeýlelikde, ösümlik ýagynyň, şekeriň, süýdüň, etiň we galla önümleriniň bahasy iýul aýynda aşaklady, bugdaýyň bahasy bolsa 14,5% arzanlady.




Azyk önümleriniň bahasynyň has ýokary derejeden aşaklamagyndan kanagatlanma bildirip, FAO-nyň baş ykdysatçysy Maksimo Torero muňa garamazdan, heniz näbelliligiň bardygyny aradan aýyrmady. Onuň pikiriçe, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi baradaky çaklamalaryň hem-de walýutanyň hümmetiniň üýtgäp durmagy global azyk howpsuzlygy üçin çynlakaý mesele bolmagynda galýar.

BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO) esasy wezipesi açlyga garşy göreşmekdir. FAO ösen we ösýän ýurtlaryň azyk howpsuzlygy babatynda syýasy kararlary ara alyp maslahatlaşýan forum hökmünde çykyş edýär. Mundan başga-da, FAO maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär we ösýän ýurtlara oba hojalygy, tokaý hojalygy we balyk ösdürip ýetişdirmek tejribesini gowulandyrmakda ýardam berip, sagdyn iýmitlenmegi we azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge çalyşýar.

Oba hojalygy boýunça ýöriteleşdirilen hökümetara guramany döretmek baradaky karar Ikinji jahan urşy ýyllarynda – 1943-nji ýylyň maý aýynda Hot-Springs (ABŞ) şäherinde Azyk we oba hojalygy boýunça halkara konferensiýada kabul edildi. Soňra 44 döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO) esaslandyryjylary boldy. Häzirki wagtda guramanyň 200-e golaý agzasy bar.

# Elektroulag pudagynyň ÖSÜŞINE ÝARDAM BERER

Ispaniýanyň hökümeti elektroulag pudagyny ösdürmek üçin 12 milliard ýewro bölüp berer, maliýeleşdirmek, esasan, Ýewropa Bileleşiginiň dikeldiş gaznalary we hususy maýa goýumlary arkaly amala aşyrylar. Bu barada Ispaniýanyň Premýer-ministri Pedro Sançes habar berdi.

Hökümet başlygy Ýewropanyň awtoulag pudagynda özgerişleriň möhümdigini belläp, Walensiýada we Estremadurada batareýa öndürmek üçin iki zawodyň gurulýandygyny habar berdi. Pedro Sançes öz çykyşynda 13 sany uly işewür toparyň elektroulaglaryň täze nesliniň önümçiligine geçmek maksady bilen Ispaniýanyň awtoulag pudagyna maýa goýýandygyny aýtdy. Hökümetiň hasaplamalaryna görä, awtoulag pudagynyň döwrebaplaşdyrylmagy 2030-njy ýyla çenli Ispaniýanyň jemi



içerki önümindäki paýyny 10-15 göterim ýokarlandyrar we iki milliondan gowrak iş ýerlerini döreder.

Awtoulag senagatyny elektroulaglara geçirmek taslamasyna esasy gatnaşyjy «Volkswagen AG» konserni bolup, bu kompaniýa iň köp maliýe ýardamyna eýe bolar. Taslama başga bir gatnaşyjy, Günorta Koreýanyň transmilli «Iljin» kompaniýasy bolup, Tarragonada batareýa elementleriniň önümçiliginiň esasy bölegi bolan elektrofolgi öndürmek üçin zawod gurar. Bu maýa goýumyň mukdary 600 million ýewro deň bolar. Ispaniýada işleýän Fransiýanyň awtoulag korporasiýasy «Renault» hem uglewodorod zyňyndylaryny azaltmak boýunça birnäçe taslamalary hödürledi.

Awtoulag pudagynyň üýtgedip gurulmagy – Ispaniýanyň ykdysadyýetini dikeltmegiň çäginde yglan edilen çäreleriň ilkinjisidir. Ispaniýa awtoulag öndürmek boýunça Ýewropa sebitinde Germaniýadan soň ikinji we dünýäde sekizinji orunda durýar.



# «Valvoline»-niň bölümini satyn alýar

Saud Arabystanynyň döwlet nebitgaz kompaniýasy «Saudi Aramco» awtoulag çalgylaryny we himiki serişdelerini öndürmek we paýlamak bilen meşgullanýan amerikan kompaniýasy «Valvoline»-niň bir bölümini 2,65 milliard dollara satyn alar. Golaýda Saud Arabystanynyň bu nebit kompaniýasy «Valvoline Global Products»-y satyn almak barada şertnama gol çekendigini habar berdi.

«Valvoline Global Products»-yň satyn alynmagy «Saudi Aramco»-nyň öndürýän premium-klas çalgy ýaglarynyň üstüni ýetirip, dünýäniň çalgy ýag önümçiligini artdyrar hem-de kompaniýanyň ylmy-barlag we gözleg mümkinçiliklerini ýokarlandyrar. Geleşigiň tamamlanmagy degişli şertleriň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem kadalaşdyryjy tassyklamany talap edýär.

«Saudi Aramco» 1933-nji ýylda esaslandyrylan Saud Arabystanynyň milli nebitgaz kompaniýasy bolup,



Aziýanyň, Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň üç esasy global energiýa bazarynda wekilçilik edýär. Häzirki wagtda kompaniýanyň işgärleriniň sany 70 müňden geçýär.

# Nebit önümçiligini artdyrmakçy

OPEK+ ministrler konferensiýasy tamamlandy, bileleşigiň agzalary şu ýylyň sentýabr aýynda nebit çykarylyşyny günde 100 müň barrele çenli ýokarlandyrmak barada ylalaşyk gazandylar. Bu barada OPEK-iň web sahypasynda ýerleşdirilen soňky beýanatda mälim edilýär. Maslahatyň dowamynda OPEK+ ýurtlarynyň ministrleri önümçiliginiň mukdary artdyrylanda berjaý edilmeli işler barada hem pikir alyşdylar.

Jemleýji beýanatda dünýä ýurtlarynyň nebit çykarmak boýunça erkin mümkinçiliklerinden peýdalanmagynyň zerurdygy bellenilýär. Sentýabr aýyndaky önümçilik meýilnamasyndan görnüşi ýaly, Russiýa we Saud Arabystany nebit önümçiligini günde 26 müň barrele çenli artdyrmagy maksat edinýär. Bu ylalaşyk, OPEK-iň 31-nji ministrler maslahatynyň ahyrynda kabul edilen kararyny has-da berkitdi. Guramanyň indiki maslahaty şu ýylyň 5-nji sentýabrynda geçiriler. Maslahata gatnaşanlar önümçiligiň ýokarlanmagynyň, «gara altyna» islegiň we teklibiň deňagramlylygynyň optimal derejesini üpjün etmelidigini, şeýle hem pandemiýadan soň dünýä ykdysadyýetiniň dikeldilýän wagtynda ýangyç ýetmezçiliginiň öňüni almalydygyny bellediler.




OPEK+ karary yglan edilenden soň, «Brent» görnüşli nebitiň bir barreliniň bahasy 102 dollardan 96 dollara çenli pese gaçdy. Şol bir wagtyň özünde, bilermenler guramanyň ýakyn geljekdäki meýilnamalarynyň bahalaryň üýtgemegine güýçli täsir etmejekdigini belleýärler. Çünki gazanylan ylalaşyga garamazdan, nebit karteli önümçiligi artdyrmak boýunça öňde goýlan wezipä tehniki taýdan hötde gelip bilmez.

# Eksport boýunça ikinji ýerde

Iýun aýynda Hindistana nebit eksporty boýunça Russiýa ikinji orny eýeledi, birinji orny bolsa Yrak eýeleýär diýip, «The Economic Times» neşiri Hindistanyň hökümet çeşmelerine salgylanyp habar berýär.

Neşir bu depginiň häzir hem dowam edip, Russiýanyň Saud Arabystanyna garanyňda, Hindistanyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryna has köp nebit ugradýandygyny belleýär. Şeýle hem Saud Arabystanynyň öz eksportyny Ýewropa yklymyna gönükdirip, Hindistana nebit eksportynyň azalmagynyň öwezini dolýandygy habar berilýär. Hindi tarapy Russiýanyň «gara altynynyň» bahasyndaky uly arzanladyşlar sebäpli importy artdyrandygyny we ony satyn almagyň has köp girdeji getirendigini belleýär.



Häzirki wagtda Russiýanyň «gara altyny», Hindistanyň daşary ýurtlardan satyn alýan çig nebitiniň 10%-ini emele getirýär. Maglumatlara görä, mundan ozal Hindistanyň Russiýadan satyn alýan nebiti diňe 2%-e deňdi. Satyn alşyň az mukdary deňiz arkaly daşalýan ýüklere edilýän çykdajylar bilen baglanyşyklydy.

# Gündogar ykdysady forumy geçiriler

40 ýurduň wekiliýeti ýakyn wagtda Russiýanyň Wladiwostok şäherinde geçiriljek Gündogar ykdysady forumyna gatnaşmak isleýändiklerini mälim etdi. Bu barada forumyň guramaçylyk komitetiniň ýerine ýetiriji sekretary Anton Kobýakow habar berdi.

– GYF-e gatnaşmak üçin ýüz tutmalaryň köplüginiň bu çäräniň hakykatda, Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak üçin global işewürlik platformasyna öwrülendigini görkezýär – diýip, Anton Kobýakow belledi. Gündogar ykdysady forumyna ýokary derejeli myhmanlaryň we daşary ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň gelmegine garaşylýar.

Forumyň guramaçylyk komitetiniň ýerine ýetiriji sekretary, şu ýyl Uzak Gündogaryň ösüşiniň möhüm meselelerine bagyşlanan çärä gatnaşyjylar üçin giň iş meýilnamasynyň taýýarlanandygyna ünsi çekdi. Mundan başga-da, forumyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy, şeýle hem çökgünligi ýeňip geçmek we täze dünýä arhitekturasyny gurmak meýilnamalary ara alnyp maslahatlaşylar.

– Forumyň Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde öňdebaryjy aragatnaşyk platformasynyň derejesini ýene bir gezek tassyklajakdygyna ynanýaryn – diýip, Kobýakow sözüni jemledi.

Gündogar ykdysady forumy 5-8-nji sentýabr aralygynda Wladiwostokdaky Uzak Gündogar Federal Uni-




wersitetiniň şäherçesinde geçiriler. Bu forum Russiýanyň Uzak Gündogar sebitlerine daşary ýurt maýa goýumlaryny höweslendirmek we Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen her ýyl geçirilýär. Bu çärede Uzak Gündogar bilen baglanyşykly içerki meseleler hem ara alnyp maslahatlaşylýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY gysga setirlerde

► **Nobatdan daşary saýlawlar geçiriler.** Bolgariýanyň Prezidenti Rumen Radew parlamentiň ýatyrylyp, 2-nji oktýabrda möhletinden öň parlament saýlawlaryň geçiriljekdigini habar berdi. Şeýlelikde, häzirki parlament 2-nji awgustda ýatyryldy we göni iki aýdan soň täze parlament saýlawlary geçiriler.



► **Aktýorlara heýkel dikildi.** «Uly böwsüş» (Breaking Bad) atly meşhur serialyň aktýorlary Braýan Krenstona we Aaron Pola dikilen heýkel ABŞ-nyň Nýu-Meksiko ştatynyň Albukerke şäherinde dabaraly açyldy. Şäher häkimi Tim Killer serialyň meşhurlygy şähere täze maýa goýumlary çekmäge ýardam berendigini çykyşynda nygtady.



► **Ilaty 35,6 milliona ýetdi.** 2022-nji ýylyň 1-nji iýulynda Özbegistanyň ilaty 35,6 million adama ýetdi. Bu barada Respublikanyň Döwlet statistika komitetiniň metbugat gullugy habar berdi. Olardan zenanlar – 17,7 million, erkek kişiler – 17,9 million. Şäher ilatynyň sany 18,1 million, oba ýerleriniň ilatynyň sany 17,5 milliona deň.



► **Wolt Disneýiň mülki satylýar.** ABŞ-nyň Waýoming ştatynda rowaýaty multiplikator Wolt Disneýiň mülki satuwa çykaryldy. Meýdany 2 müň gektar bolan mülküň başlangyç bahasy 71 million dollara deň. Ýelloustoun milli seýilgähinden 37 kilometr uzaklykda ýerleşýän Wolt Disneýiň mülküniň töweregini täsin manzar gurşap alýar.



► **Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi.** ABŞ-nyň Minnesota ştatynyň ýaşaýjysy Diana Armstrong uzyn dyrnaklary bilen Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Barlaglarda onuň dyrnaklarynyň iň uzynynyň 138,94 santimetre, gysgasynyň bolsa, 109,2 santimetre deňdigi belli boldy. Ol 25 ýyl bäri dyrnaklaryny ösdürýändigini aýtdy.



► **Itler üçin ýelpewaçly geýim.** Ýaponiýada itler we pişikler üçin ýelpewaç berkidilen gözenekli geýim oýlanyp tapyldy. Enjamyň bary-ýogy 80 gram agramy bolup, öý haýwanlaryny Gün urmasyndan goramaga niýetlenen. Ýelpewaçly geýimi Reý Udzawa oýlap tapypdyr. Bu geýim köp sanly öý haýwanlarynyň eýeleriniň göwnünden turdy.



► **Dünýäniň iň beýik agajy.** Kaliforniýanyň «Redwud» milli seýilgähiniň ýolbaşçylary dünýäniň iň beýik agajy bolan Giperiona baryp görmegi gadagan edýän beýanaty ýaýratdylar. Munuň sebäbi agajyň howply sebitde ýerleşýänligidir. Ginnesiň rekordlar kitabynda orun alan agajyň beýikligi 115,61 metre deň.



► **75 ýyllygyny belleýär.** Şotlandiýanyň paýtagtynda dünýäniň iň iri şüweleňleriniň biri bolan Edinburg sungat festiwaly 75 ýyllygyny belleýär. Şu maksat bilen Edinburgda 58 ýurtdan 3 müňe golaý çykyş dowam edýär. Bu çäre her ýylyň awgust aýynda guralyp, bir aýa golaý dowam edýär.



► **«Huawei»-iň täze smartfony.** «Huawei» kompaniýasy göze görünmeýän kameraly ilkinji smartfonynyň önümçiligine başlamagy meýilleşdirýär. Onuň surata düşüriji gurluşy enjamyň ekranynyň aşagynda ýerleşip, hiç bir ýerinde surata düşüriji kamera üçin kesik ýer görünmeýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ 1981-nji ýylyň 12-nji awgustynda Amerikan kompaniýasy «IBM Corporation» häzirki zaman kompýuterler döwrüniň başyny başlan «IBM 5150» atly ilkinji personal kompýuterini hödürledi. Satuwyň birinji ýylynda satylan kompýuterleriň sany 130 müňden geçdi. 2000-nji ýyla çenli dünýäde 140 million şahsy kompýuter satyldy.





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Mahabatyň taryhyndan...

Mahabat baradaky maglumatlar ýazuwly taryhyň ilkinji resmi kagyzlarynda beýan edilýär. Ortaýer deňziniň kenaryndaky ýurtlaryň gazuw-agtaryş işlerinde dürli wakalar, hödürnamalar, gapylarda asylyp goýulýan ýazgylaryň (bildiriş) tapylandygy barada maglumatlar getirilýär. Gadymy döwürde rimliler diwarlarynyň ýüzünde gladiatorlaryň söweşleri baradaky bildirişleri asypdyrlar, şol döwürlerde ýörite diwarlaryň ýüzünde bir ýurtdan beýleki ýurda äkidilýän ýükler we harytlar barada ýazyp, adamlary habarly edipdirler. Käbir maglumatlarda mahabatyň irki görnüşleri hökmünde Gadymy grekleriň jarçysynyň köçe-köçe gezip, satlyk harytlar barada jar çekendigi beýan edilipdir.

Mahabatyň has irki ýüze çykan görnüşleriniň biri hem tagmadyr. Ony ussalar öz döreden harytlarynyň ýüzünde goýupdyrlar. Haryda goýlan tagma ony döreden adamyň at-abraýynyň halkyň arasynda ýaýramagyna-da sebäp bolup, harydy göwnüne ýaran adamlar şol tagmaly harydy gözläp tapyp, satyn alypdyrlar. Muny ilkinji brend hasaplasa bolar. Häzirki wagtda bu maksat bilen harydyň nyşany we brendiniň ady ulanylýar.

Mahabatyň taryhynda öwrülişikli döwür XV asyryň ortalaryna degişli bolup, nemes oýlap tapyjysy Ýohannes Gutenbergiň çap enjamyny döretmegi bilen 1450-nji ýylda çaphana usuly işlenilip düzülýär. Şeýlelikde, neşir önümleri artyp başlaýar. Netijede, neşir üçin mahabatlar peýda bolýar. Ilkinji iňlis dilinde çap edilen bildiriş 1478-nji ýyla degişlidir.

1622-nji ýylda ilkinji gezek «Weekly News» gazetinde mahabatyň iňlis dilinde çap edilmegi, onuň ösüşine uly itergi berýär. Soňra Riçard Stil «Tatler» atly mahabat ýygyndysyny özünde saklaýan gazeti çykaryp başlaýar.

Mahabatyň has ýokary ösüşi ABŞ-da gazanylýar. Benjamin Franklin amerikan mahabatynyň atasy hasaplanýar. Ol çaphana işindäki bitiren hyzmatlary bilen metbugatyň hem-de mahabatyň ösüşine uly goşant goşýar.

**Mahabat näme?**

Mahabat sözüniň köp dilde ulanylýan nusgasy bolan reklama sözi latynça «reclamo» – gygyrmak, «reclamare» – seslenmek, islemek ýaly örän giň we köptaraply düşünjäni aňladýar.

90-njy ýyllardan soň, ýagny internet döwrüniň başlanmagy bilen mahabat täzeçe görnüşde kesgitlenip başlanýar.

## Gyzykly maglumatlar:

Ýer ýüzünde mahabat üçin ýylda birnäçe milliard dollar çykdajy edilýär. Mysal üçin, 2015-nji ýylda bu görkeziji, takmynan, 529,43 milliard dollara barabar bolupdyr. Halkara derejesinde mahabat agentlikleriniň birnäçesi bolup, olaryň içinde iň esasylary «Dentsu» (Ýaponiýa), «Interpublic» (ABŞ), «Omnicom» (ABŞ), «Publicis» (Fransiýa) we WPP (Angliýa) hasaplanýar.

Dünýäde mahabat üçin iň köp çykdajy edýän kompaniýa «Unilever»-dir.

«Coca-Cola» dünýäde iň köp mahabat edilýän brendleriň biri hasaplanýar.

Ilkinji resmi tölegli telewizion mahabat ABŞ-da 1941-nji ýylyň 1-nji iýulynda görkezilýär.

Radiostansiýalaryň köpüsi mahabat arkaly öz girdejilerini artdyrýarlar. ABŞ-da 1927-nji ýylda radio mahabatlary baradaky kanunlar kabul edilýär. Radioda köp ýaýran mahabatlar, adatça 1 minutdan geçmeýän «sport reklamalarydyr».

Ilkinji banner mahabaty 1994-nji ýylda «Bütindünýä torunda» peýda bolýar.


«Times Square» meýdançasy







Onlaýn mahabat «e-mail spam» diýlip atlandyrylýan poçta mahabaty bilen başlanýar.

Öýjükli telefondaky ilkinji tölegli mahabatlar 1998-nji ýylda Finlýandiýada peýda bolýar.

Ýeri gelende bellesek, Nýu-Ýorkdaky «Times Square» (Taýms meýdançasy) dürli surat we wideo şekilli hem-de ýazuwly mahabatlaryň iň köp görkezilýän ýeri hasaplanýar.

Soňky ýyllarda ulag serişdelerine mahabatlaryň dürli görnüşlerini ornaşdyrmak işi ýokary derejede ösdürilýär.














# Özboluşly binalar

Adamzat durmuşynda binagärlik gurluşygy has irki döwürlerden gözbaş alyp, ösen häzirki zaman dünýäsinde has-da uly özgerişlere eýe boldy. Dünýäde dürli maksat bilen gurlan müňlerçe binalar bolup, olar jemgyýetiň ösüşi, medeniýeti hem-de ýaşaýyş özboluşlylygy bilen baglanyşyklydyr. Gazetimiziň şu sanynda binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýan birnäçe binalar bilen sizi tanyşdyrmagy makul bildik.

### Egri jaý, Polşa



Egri jaý aslynda, Polşanyň Sopot şäherindäki söwda toplumynyň täsin bölegidir. Binanyň taslamasy Şotynskiý we Zaleski tarapyndan 2004-nji ýylda ertekilerden ylham alnyp döredilipdir. Bu bina Polşada iň köp surata düşülýän ýerleriň biri bolup, owadan aýna gapylary we gijesine ýalkym saçýan gök-ýaşyl öwüşgini bilen myhmanlaryň ünsüni çekýär.

### Akyl öýi (Mind House), Ispaniýa



Akyl öýi Ispaniýanyň Barselona şäherindäki El-Karmel depesinde ýerleşýär. Bu binanyň gurluşygy 1900-nji ýyldan başlap, 14 ýyl dowam edýär. Arhitektura aýratynlyklaryna seredilip, Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen toplum 60 dürli jaýdan, çadyrlardan we seýilgähden ybarat bolup, merkezinde ajaýyp çüwdürim bar. Jaýyň burçlarynda dikeldilen haýran galdyryjy heýkeller hem bu ýere gelýänleriň ünsüni özüne çekýär. Bu ýer iň köp syýahatçyny özüne çekýän merkezleriň biridir.

### Sebede meňzeş bina, ABŞ



Sebede meňzeş bina ABŞ-nyň Ogaýo şäherindäki «Longaberger» kompaniýasy tarapyndan işlenilip düzülýär. 1973-nji ýylda işe başlan bu kompaniýa elde ýasalan sebetleri, öý we beýleki durmuş serişdelerini öndürýär. Mahabatyň täsin usuly hökmünde kabul edilýän bina 1997-nji ýylda açylýar. Meýdany 180 müň inedördül metre barabar bolan 7 gatly bina binagärlik taýdan ösen gurluşa eýedir. Ýokarsy aýna bilen bezelip, diwarlary binany esaslandyryjylar tarapyndan çekilen suratlar bilen haşamlanan bu bina giren her bir adam onuň özboluşlylygyndan lezzet alyp biler.

### Mila öýi (Casa Mila), Ispaniýa



Ispaniýanyň Barselona şäherinde ýerleşýän bu bina özüniň owadanlygy bilen görenleri haýran edýär. Täsin binanyň gurluşygyna 1906-njy ýylda başlanyp, 6 ýyl dowam edýär. 1984-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen binanyň taslamasyny Antoni Gaudi taýýarlapdyr. Gowaga meňzeş birnäçe eýwanlary bolan Mila öýüniň gurluşygynda, esasan, hek daşy ulanylypdyr. Binanyň üçegi Barselonanyň suratlary bilen bezelipdir. Üçege çykyp şäheriň ajaýyp görnüşlerini hem synlap bolýar.

### Daş jaý (Casa do Penedo House), Portugaliýa



Portugaliýanyň daglaryndaky «Casa do Penedo House» daş asyrynyň ýaşaýyş jaýyna meňzeýär. Ol 1974-nji ýylda «Flintstone» multfilmi esasynda iki sany ullakan gaýanyň beton garyndysy bilen birleşdirilmeginden gurulýar. Ilkidurmuş ýaşaýşyny ýadyňa salýan bu bina Portugaliýanyň iň gowy syýahatçylyk merkezleriniň biri bolup, muzeý hökmünde ulanylýar.

## ÇAGALAR

Komodo aždarhasynyň ilkinji gezek günbatarly alymlar 1910-njy ýylda görüpdirler. Ýewropa getirilen ilkinji iki sany Komodo aždarhasy 1927-nji ýylda London haýwanat bagynda görkezilýär.

# «Gury ýer krokodili»

Ýer ýüzünde janly-jandarlaryň müňlerçe görnüşi bolup, ýaşaýyş şerti, daşky alamatlary hem-de ýaýraýyş gerimi bilen biri-birinden tapawutlanýarlar. Dünýäniň iň köp adaly ýurtlarynyň biri hasaplanýan Indoneziýada jandarlaryň we ösümlikleriň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň köpüsi endemikdir. Şeýle jandarlaryň biri hem Indoneziýanyň Komodo, Rinça, Flores hem-de Gili-Motang adalarynda ýaşaýan, dünýäniň iň uly süýrenijisi hasaplanýan Komodo aždarhasydyr. Muňa başgaça «gury ýer krokodili» hem diýilýär.



### Ýaşaýyş özboluşlylygy

Göreniňde endamyňy tikenekledýän bu süýrenijiniň uzynlygy 3 metre, agramy 130 kilograma çenli bolup bilýär. Komodo aždarhasyna düzlüklerde, sawannalarda we pes belentlikdäki tropik tokaýlarda duş gelmek bolýar. Olar ýekeleýin ýaşaýarlar, ýekelikde aw edýärler we diňe ýylyň belli bir döwründe ýygnanýarlar. Bu möwsüm maý aýyndan awgust aýy aralygynda bolup geçýär. Kiçijik aždarhanyň ulalyp ýetişmegi üçin 8-9 ýyl gerek bolup, ömri 30 ýyl töweregidir.

Ululygyna garamazdan bu süýrenijiler bedeniniň çeýe gurluşy bilen tapawutlanýarlar. Olaryň hereketiniň tizligi sagatda 20 kilometre ýetip bilýär. Ýokary tizlikde hereket etmeginiň sebäbi hem diliniň aşagynda öýkenine kislorod berýän ýörite nasosynyň bolmagydyr. Bu ýagdaý olaryň aerob kuwwatyny we çydamlylygyny ýokarlandyrýar. Olar beýikde duran iýmitini almak üçin yzky aýaklaryna dikelip, guýrugyny direg hökmünde ulanyp, hatda böküp hem bilýärler. Bu ýagdaýa köplenç animasiýa eserlerinde duş gelmek bolýar.



Komodo aždarhalarynyň uzyn, egri we ýiti dyrnaklary bolup, penjeleri bilen 1 metrden 5 metre çenli uzynlykdaky gaçybatalgalary gazyp bilýärler. Olar agaçlaryň köweklerini hem gaçybatalga hökmünde ulanýarlar.

Daşyndan göräýmäge elhenç sesi bar ýaly görünse-de, uzakdan eşidilmeýän gykylyga meňzeş sesi bolan bu jandarlar muny howp abananda ýa-da gaharlananda daşyna çykarýarlar.

Komodo aždarhasy ýylyň yssy möwsüminde kenary suw bilen örtülen jeňňellere göçýär. Köplenç, kenara aw gözlemek üçin çykýan, ýüzmäge ukyply bolan bu süýrenijiler ep-esli suwdan geçip, goňşy adalara hem barýarlar. Olaryň uzyn gaýçyguýruk dili bar. Ys alşy ösen derejede bolup, iýmitiň ysyny 4-5,5 kilometr uzaklykdan duýup bilýärler. Ululygyna we ýaşyna baglylykda dürli görnüşli iýmitler: mör-möjekler, ýylanlar, guşlar, balyklar, suw pyşbagasy, gemrijiler, meýdana goýberilen öý haýwanlary bilen iýmitlenýärler.

### Adam üçin howply däl

Daşyndan howply görünýändigine garamazdan, adama zyýansyz hasaplanýan komodo aždarhasyny ilkinji gezek günbatarly alymlar 1910-njy ýylda görüpdirler. Ýewropa getirilen ilkinji iki sany Komodo aždarhasy 1927-nji ýylda London haýwanat bagynda görkezilýär. Şondan soň olar tanalyp başlanýar. Häzirki wagtda sanynyň azalýandygy sebäpli, Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşik (IUCN) tarapyndan goralýan bu jandarlaryň ýaşaýan adalaryna ýörite gezelençler guralýar.



# Kim, haçan oýlap tapdy?

### Tozan sorujy maşyn

Taryha ser salsak, adamzat öz durmuşynda gerek bolan ýüzlerçe hojalyk enjamlaryny oýlap tapypdyr. Islendik oýlap tapylan zat ilkibaşda kämil derejede bolmaýar. Birnäçe ýyllaryň, hatda asyrlaryň dowamynda sünnälenip, döwrebap derejä ýetirilýär. Oýlanyp tapylan hojalyk enjamlarynyň biri hem tozan sorujy maşyndyr.

1860-njy ýylda Aýowa ştatynyň West-Union şäherinde Daniel Hess tarapyndan mehanik tozan sorujy oýlanyp tapylýar. «Haly süpüriji» diýlip atlandyrylan enjam aýlanýan çotgadan hem-de hapa ýygnanýan «garyndan» ybarat bolupdyr. Şeýlelikde, taryhda ilkinji tozan sorujy maşyn XIX asyryň ahyrynda döredilýär. Ilkinji nusganyň göwrüminiň gaty uly hem-de güýçli sesiniň bolandygy sebäpli, ony öýe salmak mümkinçiligi bolmandyr. At araba ornaşdyrylan bu enjamy daşarda goýup, şlangasyny penjireden içerik salyp, iki adam tarapyndan dolandyrylypdyr. Ilkinji tozan sorujylar hapany özüne sorman, üflemek arkaly aýrypdyr.

1901-nji ýylda iňlis inženeri Hubert Sesil But tozan soryan enjamy kämilleşdirip, täzeçe görnüşde işläp düzýär. Şondan soň «tozan sorujy» adalgasy döräp, bu enjam tozany süzgüç arkaly ýörite tozan ýygnaýjysyna siňdirýär. Onuň nasosynyň güýji bäş at güýjüne deň bolup, benzin bilen işleýär. 1902-nji ýylda Westminster köşgüne satyn alnyp getirilmegi bilen, bu enjamyň mahabaty artyp başlaýar.

1903-nji ýylda amerikaly oýlap tapyjy Dewid T.Kenni hem elektrik togy bilen işleýän tozan sorujyny işläp düzýär. Göçme we içerki bazara çykarylýan ilkinji tozan sorujy enjam 1905-nji ýylda Angliýanyň Birmingem şäherinde Walter Griffit tarapyndan düzülýär. Griffitiň halydan tozany aýyrmak üçin kämilleşdirilen wakuumly enjamy häzirki zaman arassalaýjylaryna meňzeýär. Göçürip bolýan, el bilen tutmaga oňaýly we çeýe turbanyň üsti bilen tozany siňdirmek mümkinçiligi bolan bu enjamy islendik adam işledip bilýär hem-de dürli şekilli burunlary dakyp bolýar.

1906-njy ýylda Jeýms B.Kirbi «Içerki siklon» diýlip atlandyrylýan täze görnüşi döredýär. Ol hapany bölmek üçin suw ulanýar. 1907-nji ýylda Ogaýo ştatynyň Kanton şäheriniň dükançysy Jeýms Mýurreý Spangler elektrik togy bilen işleýän göçme elektrik tozan sorujyny oýlap tapýar. 1908-nji ýylyň 2-nji iýunynda bolsa, elektrik tozan sorujy üçin patent alýar. Tozan soruja elektrik hereketlendirijisiniň ornaşdyrylmagy möhüm waka bolýar. Sesiniň haýal çykýandygy, özünden gaz ýa-da ýanyjy yslary çykarmaýandygy sebäpli, ony öýde arkaýyn ulanyp bolýar.

Spangler maliýe ýetmezçiligi sebäpli enjamy kämilleşdirip bilmän, patenti 1908-nji ýylda ýerli deri önümlerini öndüriji William Henri Howere satýar. Hower Spangleriň elektrik tozan sorujysyny polat örtükler, tigirçekler we goşundylar bilen täzeden bezäp, 20 kilogram agramy bolan tozan sorujynyň «galaýy nusgasyny» döredýär. Şeýlelikde, William Henri Hower tozan sorujy enjamlaryny öndürýän «Hoover» kompaniýasyny esaslandyrýar.

Şwesiýanyň «Electrolux» kompaniýasyny esaslandyryjy Aksel Wenner-Gren 1912-nji ýylda howa nasosyna derek tozan sorujylara fanat oturtmagy teklip edýär, netijede onuň agramy 14 kilogram azalýar. 9 ýyldan soň - 1921-nji ýylda çykan «Model V» tozan sorujysy bu kompaniýa meşhurlyk getirýär. Şondan soň süzgüç torbaly hem-de dik tozan sorujylar peýda bolup başlaýar.

2002-nji ýylda tozan sorujynyň taryhynda täze bir nesliň peýda bolandygyny bellemelidiris. «Electrolux» kompaniýasy emeli intellekt algoritmi – Trilobit ulanylyp, ilkinji robot tozan sorujyny döredýär. Robot tozan sorujy belli bir algoritm boýunça otaglary aýlanýar, burçlary, diwarlary we basgançaklary aňsatlyk bilen tanap bilýär. Arassalaýyş işleri tamamlanandan soň, zarýad berilýän ýerine gaýdyp gelýär.

### Labirint



### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 3 | | 5 | 1 |
| 1 | | 6 | 4 | 2 | |
| 2 | 4 | 5 | | 3 | |
| | | | | | |
| 5 | | 4 | 3 | | |
| | 1 | | | 6 | |

### Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| X | | | | | |
| | O | | | | X |
| | | X | X | | |
| | | X | | | O |
| | | | | X | |
| | X | X | | | |






oçerk

# GOJALARYŇ GOJASY

Anri BARBÝUS, fransuz ýazyjysy



Onuň ýüz kyrk ýaşy bar, belki ondanam köpräkdir. Men onuň bilen geçen hepde duşuşdym: Laty diýen ýerde – Gara deňizden altmyş kilometr çemesi uzaklykda, Kawkazyň jümmüşinde ýerleşen kiçeňräk bir obajykda. Suhuma barsaň, bu täsin garry barada häli-şindi gürrüň edýärler. Ýüz kyrk ýaşynda! Uzak ýaşyň dünýä rekordy!

Ýöne käbir kawkaz halklarynda ýüz ýaşy arka atanlar barmak büküp sanardan kän. Häli-şindi saňa garryja mamany ýa-da babany görkezip, ol togsan ýaşynda, ana, holam bir asyry tegelän, ynha bu bolsa ýüz bäşiň içinde diýerler. Özi küýküje çal saç gojadyr welin, başga bir gojany görkezer-de:

– Bu meň kakam – diýer.

Ynha, şonuň üçinem bu adaty däl ömür – ýüz kyrk ýaş – bize geňem bolsa, olar üçin beýle däl. Emma Nikolaý Andreýewiç Şapkowskini olar gojalaryňam gojasy hasaplaýarlar, özem onuň ömür merduwanynyň iň ýokarky basgançagynda durany jedelsiz.

Goja bilen didarlaşasym geldi. Onsoň, bu babatda ýardam bermeklerini sorap, ýerli häkimiýete haýyş bilen ýüz tutdum, çünki onuň ýanyna baraýmak aňsat däl. Sebeldden Latyýa çenli otuz kilometr aralygy diňe atly geçip bolýar, ynha, ýaman ýeri şunda. Ýoldaşlarym bilen maňa ýaby berjek diýdiler, üç sany atly hem ýanymyz bilen gider. Onda näme, ugradyk.

Ertesi Sebelde ýetdik, ulaglarymyzy şol ýerde galdyryp, ýabylara atlandyk. Janawarlaryň mähirli garaýşy bar, ýallaryny silkeläp, hüžžük guýruklaryny bulaýlap, loňkuldap ugradylar. Öňümizden iki sany gelşikli, atly ýigit – Jikirba bilen Piliýa gorduryp barýar. Basym at nallary dag jülgesiniň gaýa dyrmaşyp gidýän ýoluny tyrkyldadyp ugrady. Bu zeýilli insiz, toýnaklaryň astynda typyp duran ýylmanak daşly ýodalaryň kert ýerini gyratlap geçeňde, tirkeşip ýöremek wagtal-wagtal beýle bir hezilem däl ýaly görünýär. Şeýle ýagdaýlarda atlar diňe dört aýakly bolany üçin deňagramlylygyny saklap bilýär. Barýan ugrumyzyň bir ýerinde dik ýokary we kert aşak ýüzlerçe metre uzap gidýän, göýä adam eli bilen ýylmanan deý tep-tekiz uçut diwar salgym atyp görünýär. Onuň orta bilinden ini iki metre barabar darajyk çykyt, inçe talasa meňzäp, bir ýarym kilometr çemesi uzaklyga egrem-bugram bolup uzalyp gidýär. Ýoda düşen wagtyň edil gapdalyňdan erňekläp barýan başaýlaýjy uçuda o diýen ünsem berip baraňok. Bu ýeriň deňinden geçäge-de, soň yzyňa seredäýseň, edil şu wagtjyk külterlän insizje kertiňi görüp, öz-özüň gorka galýaň. Ýol kem-kem tokaýa sümüp gidýär. Agşamara Lata ýetdik.

Gijämizi şu taýda geçireris. Şu töwerekde ýaşaýan gojanyň ýanyna diňe ertir irden bararys: bu mahal indi giç boldy. Ynha-da, biz howluda, indem agaç jaýyň uzyn dalanynyň ugruny syryp barýas, alagaraňkylykda töweregiňe känbir esewanam edip bolanok.

Bizi kerpiç diwary suwalan çaklaňja otaga salýarlar; bu taýda peç bar eken; otagyň bir çetinde poldan petige çenli myhmanlara niýetlenen ýorgan-düşek basylypdyr.

Bu barly daýhan hojalygynda entegem öňki urp-adatlar, däp-dessurlar öz hökümini ýöredýär. Biz gojanyň takyk adyny soraýarys, ýöne sowal bilen ýüzlenenimiz aýal maşgala, aýallara bolsa ýat adamyň ýanynda öz ýanýoldaşynyňkydan özge erkek kişiniň adyny tutmak gadagan. Şeýdip, biziň ýaňky gürrüňdeşimiz, ýaşy togsany sermäp ýörenem bolsa, sowalymyzy jogapsyz galdyrdy.

Bolsa-da, hoşamaýlyk bilen ýaňky togsan ýaşly mamamyzdan üýtgeşik goja barada birgiden zatlary anyklamagy başardyk. Mama gojanyň ýegeni eken. Ol şeýlebir çepiksije welin, ökde suratkeşiň nepislik hem inçelik bilen çeken suratyna meňzeýär; ýygyrt basan inçemik ýüzi çowlanyp gidýär, gözleri uçganaklap dur, hereketi janlyja hem çakganja. Ilki göremizde adaty daýhan eşigindedi, soň çykyp gitdi-de, yzyna toý köýneginde dolandy: başyna ýaglyk atynypdyr, egnine soňky çykan mahmallardan uzyn syýyly golmuk geýipdir, aýagynda-da ökjesiz başmak. Ady, familiýasy: Arumsuda Şapkowskaýa. Onuň aýdyşyna görä, Nikolaý Şapkowskiniň aňyrsy polýakmyş: kakasy Andreý Kawkaza Polşadan göçüp gelipdir.

Agşam nahary. Jüýjedan taýýarlanan nahary iýip otyrys, gapdaly bilenem mekgejöwen unundan ýugrulan, çig hamyra meňzeş zat äberdiler, ondan üzüp alyp, elleri bilen uzynja edip togarlap-ýasap, onam hoz ýagyna batyryp iýýän ekenler, ortada ýene bal garylan mürepbe-de bar. Bu giňden tutulan naharlanma dessurynda hojalygyň ähli zenanlary – kempirlerden başlap, Zuni bilen Dedy ýaly körpeje gyzjagazlara çenli, ýeňsämizde duran ýerlerinden yhlas bilen käselerimize şypaly arassa suw guýup berýärler.

Ertesi irden atlarymyz batgasy bulanyp ýatan ýol bilen şylpyldap barýar, ynha-da durşuna ot basan ullakan howlynyň agzyna gelip aýak çekdik, onuň ortarasynda çaklaňja agaç jaý somalyp otyr. Çisňäp ýagýan ýagşa garamazdan, otlugyň içinde birki sany adam görünýär, olaryň biri keçe telpejiginiň üstünden başlyk atynan ak sakgally goja; keçe telpejik bilen başlyk – abhaz hem gruzin daýhanlarynyň däp bolan başgaby. Goja hasasyna daýanyp, şähdaçyk ýöräp gelýär. Bu – şo diýýän gojamyz.

Arumsudanyň aýdany çyn bolsa, onda Nikolaý Şapkowskiý 1782-nji ýylda, Ýekaterina II döwründe, Beýik fransuz ynkylabyndan ýedi ýyl öň doglan bolmaly. Eger ol Fransiýada ýaşan bolsady, onda ol Lýudowik XVI we Mariýa-Antuanettany, Dantony we Robespýeri hem göräýjek eken. Bu adam Lamartindenem, Balzakdanam, Baýrondanam uly. Wiktor Gýugo doglanda biziň gahrymanymyz ýigrimi ýaşynda eken, Tostoý doglanda bolsa kyrk alty.

Ol bizi elini ýüreginiň üstünde goýup, baş egmek bilen garşylady. Aýaly, çagalary bilen tanyşdyrdy. Goja bize jaýjagazynyň kiçeňräk dalanyna çykmagy mürähet etdi. Barymyz sygyşdyk. Ilen-çalanlarynyň hemmesi daşyna üýşdi, bizem – alty sany myhman. Garry belent we aýgytly sesi bilen tabşyryk berdi:

– Myhmanlara oturgyç getiriň!

Söhbete başladyk.

Bu görnüşiň öz gözelligi bar.

Men saý-sebäp bilen ajalyň gözünden sypan adamyň gapdaljygynda otyryn. Gabat-garşymdaky oturgyçda gunt düşen ýaly bolup egni ykjam şinelli, gök gözli, burunlak, Jikirba otyr, ol meniň sowallarymy abhazça öwrüp goja ýetirýär. Gojanyň beren jogabyny bolsa şobada rusça terjime edýär; maňa ýoldaş bolmaga höwesek ýapyşan dostumyz Samuil Ignatam maňa rusçadan iňlisçä geçirip berýär, kätibim Annet Widal – ýapyrylyp ýazmak bilen. Söhbetdeşlik, «dilden-dile geçip» süýnýändigine garamazdan, diýseň düşnükli gidýär, oňa gatnaşýanlaram bellikdir-takyklamalar bilen onuň üstüni ýetirýärler. Her gezek iňlisçeläp beren sowalymyň jogaby ýene iňlis dilinde özüme gaýdyp gelýänçä, Nikolaý Şapkowskini dykgatly synlamaga maý tapýaryn. Elbetde, daşyndan seretseň, ol juda garry, ýöne halys garran gojalary göreňdäki ýaly haýpyň gelýän gözgynylyk duýlup baranok. Ýüzüniň ýygyrdy o diýen kän däl, çyraýy açyk, hereketi janly.

Ol garrylyga ýan bermändir, gözüne äýnek dakynmandyr, hatda agzynda gaçman galan birje dişem bar. Ýeke-täk arzy: soňky döwür bir gulagy agralýarmyş. Ýöne o-da bildirip baranok. Onuň bedeni üýtgeşik taplanan – muňa ynanman, gitjek ýeriň ýok. Öz aýdyşyna görä, ýarawsyzlygyň nämediginem bilenok, bary-ýogy kyrk ýyl mundan ozalam «dag ýaly daýaw adam eken», ýigrimi bäş ýaşly «men diýen» ýigidi hem ýegşertjek ýükleri ýagyrnysynda daşar ýörer eken. Ýaňy dälmi ýüz ýigrimi ýaşlyka gyşyna derýada suwa düşüp ýöreni, muňa Latynyň ýaşlaram ýürek edip bilmez. Ol iýmek-içmekde bokurdagyny gysmandyr. Şu babatda gatyrak gidenini indi-indi bilip ýör. Ýöne häzirem şo bolşy – ýüz öwürjek zady ýok. Haýran galdyryjy dünýä rekordyny goýanyny özi bir bilýämikä? Bilýän bolmaly, hawa. Dogrudanam, ol özünden-de garry adam bar diýip eşitmändir, töweregindäkileriň ýuwaş-ýuwaş ýagty jahan bilen hoşlaşyp, dura-bara seýrekleýänini göre-göre gelipdir. Ýyllaryň kerwen gurap duşundan ötüşine şeýlebir öwrenişipdir welin, göwnüne häzir iki ýüz dagy ýaşan ýaly bolup dur. Emma özüniň özgelerden parhlydygyna onçakly ähmiýetem berip baranok. Soňam şeýle diýdi:

– Nädip munça ýaşap ýörün – özümem haýran. Wagt geçip dur, men bolsa galyp otyryn.

Ol dymýar-da, sessiz ýylgyrýar. Ýylgyryşy mesaýy hem aram. Soňundanam gülüp goýberýär-de, eli bilen ümläp bir zatlary düşündirýär.

Biz hemmäni gyzyklandyrýan esasy sowala geçýäs: Üýtgeşik uzak ýaşamagynyň syry näme-de, nähili gün tertibi bilen baglanyşdyrýar? – Ýaşaýan ýeriňe bagly, elbetde: daglar, başy asmana direýän meşe agaçlaryny köpeldişi ýaly, ýüz ýaşly garrylaryň hem sanyny artdyrýar. Aýratyn bir ýöredýän gün tertibi hem ýok. Dişsizleriň iýip biläýjek iýmitleriniň hiç birinden ýüz öwrenok. Öňler horan bolandygyny, şindi biraz ýöwselländigini tekrarlaýar.

Ir döwürki ýatlamalaryndan hyýalynda galany haýsyka? – Ýadynda, on iki ýaşly çagaka dagda goýun bakardy, goňşy oba çenli ylgamakda geçirilýän ýaryşlara gatnaşardy. Nikolaý on iki ýaşyndaka eýýäm derek boýly, berdaşly erkek oglandy, ulularyň eden işini olam oňarýardy.

Üç gezek öýlenipdir. Başdaş aýaly çagaly-çugaly bolanlaryndan soň, Türkiýä göçüp gidýär. Ikinji aýaly dünýesini täzeleýär. Ondan üç çagasy – bir ogly, iki gyzy galýar, olaram garrap ýogalýar, olardanam bala-çaga galýar. Nikolaýyň şol agtyklary häzir Abhaziýada, derýanyň beýleki tarapynda, Kandor uýezdinde ýaşaýarlar. Olaryň ogullarynyň biri kyrk ýaşynda, ol söhbetdeşimiň çowlugy bolýar.

Üçünji aýaly Awina şu taýda, biziň aramyzda. Ol segsen bir ýaşynda, ondan bäş çagasy bar: dört ogly, bir gyzy. Ynha, bu ogly kyrk iki ýaşynda, gyzy bolsa – ýigrimi alty.

Elbetde, bir ýarym asyry arka atan adam üýtgeşik wakalaryň şaýady bolaýjak, döwürdeşlikde ýaşan görnükli şahsyýetler bilen gabatlaşaýjak, olary göräýjek-biläýjek ýaly. Emma gojalaryň gojasy Nikolaý Şapkowskide üýtgeşik ýatlamalar ýok. Gaýtam onuň özi dartgynly waka meňzeýär. Ol Abhaziýadan çykybam görmändir; käte bir Karaçaýa baryp gaýdan bolaýmasa, Suhumydan gaýry uly şäher diýen zady asla-da görmändir.

Gojanyň ýaş wagtlary Laty obasynyň golaýynda ne-hä agaç bar eken, ne-de tokaýlyk, kölegelejek bolsaň, Karaçaýa çenli pyýada üç günlük ýol eken. Bu hakykat, kän ýyllar mundan owal, dogrudanam şeýle eken. Häzir bu ýerler durşuna tokaýlyk, başy gök direýän köp ýaşan agaçlardan doly.

Rusça bilýämiň diýip soradym.

– Ýok. Öň bilýädim, indi ýadymdan çykypdyr.

Ignatyň tersine tutasy geldi, goja rusçalap sowal berdi, olam şobada rusça jogap gaýtaraýdy. Men agzymy açdym. Bu gojanyň biraz salym ýanynda bolup, ýadyny gorjalaberseň, birgiden ýatlamalary dikeltse boljak ekeni.

Emlägi, mal-garasy bar. Oglunyň eklenjinde ýaşaýar. Nepaga hakyny hem alýar eken. Uzak gürrüňdeşlikden soň, biz mähir bilen hoşlaşdyk, ol meniň elimi ogşajak boldy, menem onuň hormata mynasyp gymmatly müçesini ynjytmanjyk, emaý bilen gujakladym. Soň Suhuma dolanyp, Nikolaý Şapkowskiniň hakyky ýaşy baradaky anyk maglumatlary toplap ugradym.

Gojanyň hiç bir resminamasy ýok eken. Onuň Durmuş-üpjünçilik bölümindäki nepaga kitapçasynda ýaşy ýüz kyrk diýip görkezilipdir, ýöne hergiz salgylanylýan resminamanyň ady agzalmaýar. Gojanyň daýanykly hem sagdyn sypaty, soňky üç çagasynyň ýaşy, galyberse-de, ýaşy dogrusynda tapylan çapraz maglumatlar – onuň adaty däl ýaşy ýaşandygyny inkär edesi gelip dur.

Ýöne gojanyň üýtgeşik işjeňligi hem gujury başky iki garşy çykma jogap bolup biler. Adamlaryň arasyndaky gep-gürrüň barada aýdylanda bolsa, munuň ýaly uly ýaşa gezek gelende – o bolaýjak zat: iň bir müňkürlerem, barypýatan jedelçilerem latyly gojanyň azyndan ýüz ýigrimi ýaşandygyny boýun alýarlar.

Onuň üýtgeşik uzak ýaşly garrydygy gürrüňsiz. Nikolaýy ýakyndan tanaýan beýleki gojalar onuň juda garry adamdygyna takyk güwä geçýärler, bu zatlar: «hemmäň biragyzdan ýüz kyrk diýip kesen ýaşy hakykata golaý» diýip ynamly aýtmaga mende esas döredýär.

Gojanyň özi, onuň hossarlary, ýakynlary, goňşulary bilen ýöriteläp sowal-jogap alyşsaň, ýatlamalary çugdamlasaň, nesil daragtyny öwrenseň, arhiwleri we resminamalary dörüşdirseň, bu meseläni jedelsiz çözübem boljak. Ýöne muňa wagt gerek. Şol sebäpli Abhaziýanyň Ylym jemgyýetine bu barlagy geçirmek baradaky haýyş bilen ýüz tutdum. Milli, ylmy, hatda durmuşy ähmiýeti bolan bu işiň amal boljagyna umyt baglaýaryn. Men bu ylmy edaranyň bu zeminiň üstünde ynsanyň owal-ahyr geçen iň uzak ýolunyň başlangyç takyk senesini kesgitlejekdigine ynanýaryn.

**Rus dilinden terjime eden**
**Orazgül GURBANOWA.**

## SPIRAL KROSSWORD



● **DAŞYNDAN IÇINE:** **1-7.** Goraýjy geýim (köne söz). **7-14.** Dyngy belgi. **14-19.** Pul birligi. **19-27.** Gazyň basyşyny ölçemegiň ölçeg birligi. **27-33.** Gizlin, ýaşyryn, duýdurman. **33-39.** Bezeg şaýy. **39-44.** Bina. **44-54.** Çendenaşa eli açyk, jomart. **54-58.** Kiriş kakar bilen çalynýan gadymy saz guraly. **58-65.** Howada uçurylýan çaga oýnawajy. **65-72.** Dermanlyk ot. **72-75.** Edil, hut, tüýs (köne söz). **75-82.** Daşy ak, içi gyzgylt tozly kömelek. **82-88.** Durna meňzeş, alkymynyň aşagy gara guş. **88-97.** Gadymy türkmen oýny. **97-102.** Ýüp, tanap. **102-104.** Öwrenilen endik.



● **DIKLIGINE:** **1.** Goşgy düzmegiň aruz ölçeginiň bir görnüşi. **2.** Ekin ekmek bilen meşgullanýan adam. **3.** Gazylyp alynýan baýlyk. **4.** Musulmanlaryň Mekgedäki keramatly jaýy. **6.** Gyz ady. **9.** Közüň üstünde daglanyp bişirilýän et. **10.** Gämi duralgasy. **12.** Aýdym, heň (köne söz). **13.** «... geýse, gyz-oglana syn bolar» (Magtymguly). **14.** Latwiýanyň paýtagty. **15.** Dyrnagyň et bilen bile birleşýän ýeri. **18.** 1960-njy ýylda Rimde geçen XVIII Olimpiýa oýunlarynda dünýäniň çempiony bolan bedew. **19.** Durmuşa çykan gyzyň saçy arkasyna atdyrylanda, baş salnanda gaýynlary tarapyndan saçyna dakmak üçin berilýän serpaý. **20.** Gelin-gyzlaryň dakynýan kümüş şaýy, apbasy. **21.** Galyň, gaty kagyz. **23.** «Görogly» eposynyň bir gahrymany. **24.** Aw iti. **25.** Goýberilýän ýalňyşlyk. **32.** Keçäniň arka ýüzüne basylýan ýaprakly çybyk şekilli nagyş. **34.** Baglaýjy kömekçi. **35.** Agzyň iki gapdal tarapynda dodaklaryň çowlanyp birleşýän ýeri. **36.** Bagşyçylyk ýollaryna mahsus tilsim. **37.** Keýik, jeren (köne söz). **38.** Jykyryň oklaryny göterýän agaç. **42.** Dutarçynyň, tüýdükçiniň sazyna goşup aýdym aýtma. **44.** Ýyrtyjy jandarlaryň sürüsi. **45.** Peşeňe salnyp atmak üçin gurşundan guýlan owunjak güllejikler. **46.** Arryk, hor. **47.** Miwe.

● **KESELIGINE:** **1.** Hijri-kamary aýlarynyň dokuzynjysy. **4.** Dik däl, göni, gytak. **5.** Kürtä, hala salynýan nagyş. **7.** Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor ... Çaryýew. **8.** Pygamber. **9.** Şaýat, güwä. **11.** Gektaryň bäşden bir bölegine barabar bolan ýer ölçegi (köne söz). **14.** Italiýanyň paýtagty. **16.** «Goýunda erek eti, guşda ... eti» (nakyl). **17.** Dagyň gaýasyndaky aýlaw-aýlaw basgançak şekilli gurşawlar. **18.** Batyr, edermen (köne söz). **19.** Del adam, nätanyş. **22.** XX asyr türkmen şahyry ... Atajanow. **26.** Ene ýapdan bölünip gidýän kiçi ýap. **27.** Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **28.** Harydy satyn alýan, hyrydar. **29.** Batly hereketiň ýokary tizligi, güýji. **30.** El, gol. **31.** Zagara balyklar maşgalasyndan bolan ýasy bedenli süýji balyk. **33.** Ýasy baldaklaryndan örme zatlar edilýän, süýji kökli, köpýyllyk ösümlik. **36.** Gün şöhlesiniň ýakyp barýan howry, gyzgyny. **39.** Agyz. **40.** Iki ýaşar düýe. **41.** Göz, göreç. **43.** Oglan ady. **46.** Adamyň gylyk-häsiýetine, keşbine, kärine görä dakylýan at. **48.** Mallary suwa ýakmak üçin agaçdan ýasalan gap. **49.** Ýagtylyk berýän enjam. **50.** Suwuň akýan ugry. **51.** Kümüş pul (köne söz). **52.** Ýeriň aýlanyş okuna perpendikulýar bolan uly tegelegiň çyzgysy.

## 37-nji KROSSWORD

**Akmyrat REJEPGULYÝEW,** *Ýolöten etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň mugallymy, ylym-bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*






36-njy krosswordyň jogaby:



10-njy skanwordyň jogaby:



# Derbiler tapgyrynda myhmanlar ýeňiş gazandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 2-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Derbileriň tapgyry hökmünde görülýän bu tapgyrda 3 oýunda myhmanlar ýeňşini baýram etdi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda bolsa ýeňiş gazanan bolmady. «Altyn asyr» bilen «Ahalyň» arasyndaky oýun 1-1 deňlikde tamamlandy. «Altyn asyr» topary 58-nji minutda Myrat Annaýewiň goly bilen öňe saýlansa-sa, olara bu üstünligi saklamak başartmady. 83-nji minutda Resul Hojaýew hasaby deňledi.



Balkan welaýat derbisinde «Şagadam» myhmançylykda «Nebitçini» Ýunus Orazmämmedowyň 45-nji minutdaky goly bilen 1-0 ýeňdi. Maryda welaýatyň iki toparynyň arasyndaky duşuşykda «Merw» myhmançylykda «Energetikden» 2-1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda «Energetik» topary Musa Nurnazarowyň 29-njy minutdaky goly bilen 1-0 öňe saýlandy. 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezen «Merw» tejribeli oýunçysy Alibek Abdurahmanowyň 66-njy hem-de 80-nji minutlardaky gollary esasynda möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. Oýnuň ahyrynda her toparyň bir futbolçysy gyzyl kart aldy.

Paýtagt derbisinde «Aşgabat» topary öz meýdançasynda «Köpetdagdan» 2-1 hasabynda utuldy. 1-nji ýarymyň ahyrynda, has takygy, 45+1-nji minutda Şatlyk Gurbanowyň goly bilen öňe saýlanan «Aşgabat» topary oýnuň ahyrlarynda 2 gol geçirdi. Gollaryň ikisini hem Begenç Akmämmedow öz adyna ýazdyryp, ol ilki 88-nji minutda penaltini dürs urup, hasaby deňledi. 90+2-nji minutda-da toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

3-nji tapgyryň duşuşyklary 11-12-nji awgustda geçirilip, onda «Köpetdag» – «Nebitçi», «Ahal» – «Energetik», «Şagadam» – «Altyn Asyr», «Merw» – «Aşgabat» duşuşyklary oýnalar.

# «Real Madridiň» 5-nji UEFA Super Kubogy



UEFA Çempionlar Ligasynyň çempiony bilen UEFA Ýewropa Ligasynyň ýeňijisiniň arasynda geçirilýän UEFA Super Kubogy duşuşygynda Ispaniýanyň «Real Madrid» topary ýeňiş gazandy. Finlýandiýanyň paýtagty Helsinkidäki Olimpiýa stadionynda oýnalan duşuşykda «Real Madrid» topary Germaniýanyň «Aýntraht» toparyndan 2-0 üstün çykdy. Madridlilere ýeňiş getiren gollary 37-nji minutda Dawid Alaba bilen 65-nji minutda Karim Benzema geçirdi. Şeýlelikde, «Real Madrid» topary 2002-nji, 2014-nji, 2016-njy, 2017-nji ýyllardan soň bu kubogy 5-nji gezek eýelemegi başardy.

«Real Madrid» bu ugurda «Barselona» hem-de «Milanyň» rekordyna şärik boldy. 8-nji gezek UEFA Super Kubogy duşuşygyny geçiren «Real Madrid» 3 sapar ýeňlişe sezewar bolupdy (1998, 2000, 2018).

* 31 042 janköýeriň tomaşa eden oýnunda Kasemiro duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

* «Realyň» tälimçisi Karlo Ançelotti 4-nji gezek UEFA Super Kubogyny eýeläp, bu ugurda Pep Gwardioladan öňe saýlandy.



* Karlo Ançelotti «Realdaky» 8-nji, karýerasyndaky 24-nji kubogyny gazandy.

* «Realdaky» gollarynyň sanyny 324-e ýetiren Karim Benzema bu ugurda Rauldan öňe geçip, Kristiano Ronaldodan soň madridlileriň iň köp gol geçiren 2-nji futbolçysy boldy.

* Karim Benzema, Luka Modriç, Toni Kroos, Dani Karwahal 4-nji gezek UEFA Super Kubogyny gazanyp, Paolo Maldini hem-de Dani Alwes bilen deňleşdi.

* 47-nji gezek geçirilen UEFA Super Kubogy duşuşygynda Çempionlar Ligasynyň ýeňijileri 27-nji gezek kubogy eýelemegi başardy.

* Şu wagta çenli 12 ýurduň wekiliniň gazanan bu kubogyny ispan klublary 16-njy sapar eýeläp, ep-esli arany açdy (italýan we iňlis klublary 9 gezek).

**«Real Madrid»:** Kurtua; Karwahal (Rüdiger 85), Eder Militao, Alaba, Mendi; Modriç (Rodrigo 67), Kazemiro, Kroos (Tçuameni 85); Walwerde (Kamawinga 76), Benzema, Winisius Junior (Seballos 85).

**«Aýntraht»:** Trapp; Ture (Alario 70), Tuta, Ndika; Knauff, Sow, Rode (Gýotse 58), Lens; Kamada, Borre, Lindstrom (Kolo Muani 58).

# Banaianyň hem-de Tanakyň 2-nji ýeňişleri



● Moto GP boýunça möwsümiň 12-nji ýaryşynda italiýaly sürüji Françesko Banaia ýeňiş gazandy. «Ducati Lenovo» toparynyň sürüjisi Banaia Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherinde geçirilen ýaryşda 20 aýlawy 40 minut 10,260 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji ýeňşi boldy. 25 ýaşyndaky sürüji karýerasy boýunça 8-nji gezek ýeňiş gazandy. Banaiadan 0,426 sekunt yza galan «Aprilia» toparynyň ispan sürüjisi Mawerik Winýales 2-nji, ýeňijiden 0,614 sekunt soň pellehana gelen awstraliýaly Jek Miller («Ducati Lenovo») 3-nji ýeri eýeledi.

Moto GP-de tamamlanan 12 ýaryşdan soň «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransiýaly sürüjisi Fabio Kuartararo 180 utuk bilen sanawyň başyny çekýär. Aprilia toparynyň ispan sürüjisi Aleiks Espargaro 158 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. Utugyny 131-e ýetirip, watandaşy Enea Bastianiniden öňe geçen Françesko Banaia 3-nji ýeri eýeleýär.

Möwsümiň 13-nji ýaryşy 21-nji awgustda Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçiriler.

● Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 8-nji ýaryşy Finlýandiýada geçirildi. 22 aýlawdan ybarat bolan 322,61 kilometrlik bäsleşikde «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňiş gazandy. Ol bellenen aralygy 2 sagat 24 minut 04 sekuntda geçip, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 16-njy ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda ýeňijiden 6,8 sekunt gijä galan «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi, sanawyň lideri Kalle Rowanpera 2-nji ýeri eýeledi. Toparyň başga bir fin piloty Esapekka Lappi 3-nji orna mynasyp boldy.



Finlýandiýa Rallisinden soň Rowanpera 198 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. Utugyny 104-e ýetiren Tanak 2-nji orna beýgeldi. 3-nji ýerdäki belgiýaly Tierri Noýwilliň 103 utugy bar.

Möwsümiň 9-njy ýaryşy 18-21-nji awgustda Belgiýada geçiriler.

# «La Liganyň» hem-de «Serie A»-nyň täze möwsümi başlanýar

**Ýewropanyň öňdebaryjy futbol çempionatlarynyň 3-sine geçen hepde badalga berlipdi. Bu hepde hem Ispaniýanyň «La Liga» hem-de Italiýanyň «Serie A» çempionatyna badalga berler. Şu gün «La Liganyň» 92-nji, ertir bolsa «Serie A»-nyň 91-nji, umumylykda Italiýanyň ýokary ligasynyň 121-nji möwsümi başlanar.**

## «La Liganyň» 92-nji möwsümi

● Ispaniýanyň 92-nji möwsüminde çempion «Real Madrid» bilen transfer möwsümini üstünlikli geçirýän «Barselona» altyn medalyň iň esasy dalaşgärleri hasaplanýar. Transfer möwsüminde esasy düzümde kän bir oýnamaýan oýunçylaryny ugradan «Real Madrid» Rudiger, Tçuameni ýaly ýyldyzlary goşdy. «Barselona» bolsa Lewandowski, Kessi, Kristensen, Rafinýa, Kunde ýaly oýunçylary transfer edip, täze möwsüme ykjam taýýarlyk gördi. Hawiniň tälimçiligindäki topar ähli ýaryşlaryň esasy dalaşgärleriniň biri bolup, kuboksyz geçen möwsümiň öwezini dolmakçy bolýar. Çempionlyk ýaryşynyň esasy düzümini goramagy başaran «Real Madrid» bilen hataryna täze ýyldyzlary goşan «Barselonanyň» arasynda geçjekdigi ikuçsuzdyr. «Realdyr» «Barselona» päsgel berip biläýjek iň esasy topar «Atletiko Madrid» bolup, ussat tälimçi Diego Simeone klubdaky 12-nji möwsümine gadam basar. «Sewilýa», «Wilýarreal», «Walensiýa», «Atletik» toparlary-da öňdäki orunlara dalaş etjek beýleki klublar bolar. «La Liganyň» täze klublary – «Almeriýa» 7, «Walýadolid» 1 hem-de «Žirono» 3 ýyldan soň «La Liga» dolanmagy başardy.



«La Ligada» 20 klubuň 14-sine ýerli, ispan tälimçileri tälim berýär. Argentinadan Diego Simeone («Atletiko») bilen Eduardo Koudet («Selta»), Italiýadan Karlo Ançelotti («Real Madrid») bilen onuň öňki şägirdi Jennaro Gattuso («Walensiýa»), şeýle-de Meksikadan tejribeli Hawier Agirre («Malýorka») bilen Çiliden ussat hünärmen Manuel Pellegrini («Betis») «La Ligadaky» daşary ýurtly tälimçilerdir. «Walensiýa» topary Hoze Bordalasyň ornuna Jennaro Gattusony, «Atletik» kluby-da Marselinionyň deregine ozalky tälimçisi Ernesto Walwerdeni wezipä belledi. «Espanýolyň» tälimçisi Diego Martines hem «La Liganyň» täze möwsüminiň täze tälimçileriniň biridir.

Çempionata noýabr–dekabr aýlarynda Dünýä Kubogy sebäpli arakesme berler. «La Liganyň» 92-nji möwsümi geljek ýylyň 4-nji iýunynda tamamlanar.

## «Serie A»-nyň 91-nji möwsümi

● Ertir çempion «Milan» bilen «Udinezeniň» arasyndaky duşuşyk bilen başlanjak Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da täze möwsümde çempionlyk ugrunda 4–5 klub göreş alyp barjaga meňzeýär. 2 ýyldan bäri çempionlygy Milan şäheriniň wekillerine aldyran «Ýuwentus» Allegriniň tälimçiliginde bilini berk guşaýar. Düzümini o diýen güýçlendirmedik «Milan» çempionlygyny goramak üçin elinden gelenini gaýgyrmasa gerek. Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden «Inter» transfer möwsümine o diýen işjeň gatnaşmasa-da, Simone Inzaginiň toparyndan tamasy uly. Dibala, Matiç, Weýnaldum ýaly oýunçylary transfer eden Žoze Mourinionyň tälimçiligindäki «Roma» topary täze möwsüme çempionlyk şygary bilen başlar. Paýtagtyň wekilini-de çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden hasaplaýanlaryň sany az däl. «Napoli» bilen «Lasio» hem beýleki dalaşgärler bolup, iki topar hem geçen möwsümdäki tälimçileri bilen ýoluny dowam etdirýär.



Çempionatyň täze klublaryndan «Leççe» 2 ýyldan soň dolandy. «Kremoneze» kluby toparyň janköýerleriniň 26 ýyllyk «Serie A»-da çykyş etmek küýsegini ahyry şu möwsümde amala aşyrar. Soňky gezek 1995/96 möwsüminde ýokary ligada gara beren Lombardi welaýatynyň wekili 8-nji gezek «Serie A»-da çykyş eder. Italiýanyň çempionatynda çykyş etjek 3-nji klub «Monza» bolup, «Milanyň» ozalky eýesi Silwio Berluskoniniň eýeçiligindäki topar ilkinji sapar «Serie A»-da orun alar. «Monza» topary «Serie A»-da çykyş etjek 68-nji topardyr. «Serie A»-daky 20 klubuň 17-sine italýan tälimçileri tälim berýär. Göýä gönezlik hökmünde bar bolan daşary ýurtly tälimçileriň 1-i Serbiýadan (Siniža Mihailowiç), ýene biri Horwatiýadan (Iwan Ýuriç), beýlekisi bolsa Portugaliýadan meşhur Žoze Mouriniodyr. 5 klub täze möwsüme täze tälimçi bilen başlaýar.

Edil beýleki çempionatlar ýaly, «Serie A»-da hem noýabr–dekabr aýlarynda arakesme bolup, liganyň käbir klublary şol döwürde ABŞ-da ýoldaşlyk duşuşyklaryny, hatda, kiçeňräk bäsleşik hem geçirmegi göz öňünde tutýar. Çempionat 2023-nji ýylyň 4-nji iýunynda jemlener.

# GANANYŇ HEM-DE SENEGALYŇ MILLI ÝYGYNDYLARY

XXII Dünýä Kubogyna 100 gün galdy

*Katar 2022 Dünýä Kubogyna gatnaşýan Afrika ýurtlarynyň 2-si — Gananyň hem-de Senegalyň ýygyndylary barada gysgaça maglumatlar.*

Gananyň futbol federasiýasy 1957-nji ýylda esaslandyrylýar. Beýik Britaniýanyň tabynlygyndaky döwürlerde Britan Altyn kenary (British Gold Coast) diýlip atlandyrylan Ganada aslynda futbol federasiýasy 1920-nji ýylda döredilýär. Gananyň ýygyndysy 1958-nji ýylda FIFA-nyň, 1960-njy ýylda-da KAF-yň agzasy bolýar. Gananyň milli ýygyndysy 4-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşyp, olar mundan ozal 2006-njy, 2010-njy hem-de 2014-nji ýyllarda bassyr 3 gezek çykyş edipdiler.

**Ilkinji duşuşyk:** Gana—Nigeriýa: 1–0 (1950)

**Iň uly hasaply ýeňişler:** Malawi—Gana: 0–12 (1962), Malawi—Gana: 0–12 (1965)

**Iň uly hasaply ýeňliş:** Bolgariýa — Gana: 10–0 (1968)

Gananyň ýygyndysy ýurt garaşsyz bolýança Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna-da gatnaşmaýar. Çili 1962 Dünýä Kubogy olaryň saýlama tapgyryna gatnaşan ilkinji çempionaty bolýar. Ýöne Gananyň ýygyndysyna 2006-njy ýyldaky çempionata çenli Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmaýar. Diňe 2 gezek (1966, 1982) saýlama tapgyrynyň daşynda galan Gananyň ýygyndysyna saýlama tapgyrlaryny geçmek täze asyrda başardýar. 2006-njy ýylda Germaniýada geçirilen Dünýä Kubogy olaryň ilkinji çempionaty bolýar. Gananyň ýygyndysy bu çempionatda «E» toparçada çykyş edýär. Ilkinji gezek gatnaşýandygyna garamazdan, beýleki yklymdaşlaryndan şowly netije görkezýär. Ilkinji duşuşygynda Italiýadan 2–0 utulsa-da, Çehiýany Asamoa Gýanyň (2) hem-de Sulleý Al-Muntariniň (82) gollary bilen 2–0 ýeňýär. Asamoa Gýan Gananyň Dünýä Kubogy ýaryşyndaky ilkinji golunyň awtory bolýar. ABŞ-dan hem 2–1 üstün çykyp (Draman 22, Appia 45+2 p — Dempsi 43), 2-nji tapgyra çykýar. 1/8 finalda Braziliýadan 3–0 utulsa-da, bu ýaryş olar üçin üstünlikli hasaplanýar. 2010-njy ýylda öz yklymlarynda geçirilen Dünýä Kubogy ganalylar üçin ýatdan çykmajak wakalara baý bolýar. «D» toparçada Serbiýany Gýanyň ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňip (85 p), Awstraliýa bilenem 1–1 deňme-deň oýnaýar (Gýan 25 p – Holman 11). 3-nji duşuşygynda Germaniýadan 1–0 utulsa-da, 4 utuk olaryň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik bolýar. 1/8 finalda 4 ýyl ozal ýeňen garşydaşy ABŞ-nyň ýygyndysy bilen duşuşýar. Gananyň ýygyndysy bu sapar hem ABŞ-ny 2–1 hasabynda goşmaça wagtda ýeňip, çärýek finala çykýar (K. Boateng 5, Gýan 93 — Donowan 62 p). Gananyň ýygyndysy çärýek finala çykan 3-nji Afrika wekili bolýar. Çärýek finalda-da taryhy duşuşykda Urugwaýdan penaltileriň netijesinde utulyp, ýarym finalyň bosagasyndan gaýdýar. Muntari bilen öňe geçen Gananyň derwezesinden 55-nji minutda Forlan gol geçirip, hasaby deňleýär. Goşmaça wagtda-da derwezä barýan topy eli bilen saklan Luis Suares gyzyl kart alýar. Soňra bellenen penaltini Asamoa Gýan dürs urup bilmeýär. Oýundan soňky penaltilerde-de Urugwaý 4–2 öňe saýlanýar.



Andre Aýew



Otto Addo

2014-nji ýylda Braziliýada geçirilen çempionat Gana üçin iň şowsuz geçen ýaryş bolýar. «G» toparçada bu gezek ABŞ-dan 2–1 utulýar (Dempsi 1, Bruks 86 — Andre Aýew 82). Germaniýa bilen 2–2 (A. Aýew 54, Gýan 63 — Gýotse 51, Klose 71) deňme-deň oýnan Gana Portugaliýadanam 2–1 utulýar (Boýe 31 ö.d., Ronaldo 80 — Gýan 57). Bu olaryň Dünýä Kubogyndaky soňky duşuşygy bolýar.

**Dünýä Kubogynda geçiren duşuşyklary:** 12 oýun, 4 ýeňiş, 3 deňlik, 5 ýeňliş, 13—16 gol

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda geçiren duşuşyklary:** 67 oýun, 34 ýeňiş, 15 deňlik, 16 ýeňliş, 111—55 gol

Afrika yklymynda 4 gezek (1963, 1965, 1978, 1982) çempionlyk gazanan Gananyň ýygyndysyna şu wagta çenli 33 hünärmen tälim berip, olardan şwesiýaly Andreas Şýolberg, germaniýaly Rudi Gutendorf, serbiýaly Ratomir Duýkowiç, Milowan Raýewaç, fransiýaly Klod de Roý, ysraýylly Awram Grant dagy bellenmäge mynasypdyr. Ýerli tälimçilerden Gýamfi, Osam-Duodu, Kwesi Appia dagyny agzamak bolar. Häzirki wagtda Otto Addonyň tälimçiligindäki Gananyň ýygyndysynda Baba Rahman, Daniel Amarti, Muhammed Kudus, Mubarak Wakaso, Jordan hem-de Andre Aýewler, Afena-Gýan, Tomas Parti dagy esasy bil baglanylýan oýunçylardyr.

Gananyň ýygyndysy Katar 2022-de «H» toparçada Portugaliýanyň, Koreýa Respublikasynyň hem-de Urugwaýyň ýygyndylary bilen duşuşar. Toparçadan çykmak olar üçin kyn ýaly görünýän hem bolsa, Gananyň ýygyndysy 2 gezek muny başaran 2 Afrika toparynyň biridir (beýlekisi Nigeriýa).

**Iň köp duşuşyk geçiren futbolçylar:** Asamao Gýan — 109, Andre Aýew — 106, Riçard Kingson — 93

**Iň köp gol geçiren futbolçylar:** Asamao Gýan — 51, Edward Akua — 45, Kwasi Owusu — 36

**GANANYŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:**

▶ 24-nji noýabr (18:00):
**PORTUGALIÝA — GANA** («Stadion 974», Doha)

▶ 28-nji noýabr (18:00):
**KOREÝA RES. — GANA** («Edukeýşn Siti», Al Raýýan)

▶ 2-nji dekabr (21:00):
**GANA — URUGWAÝ** («Al Janub», Al Wakra)

* * *

Senegalyň futbol federasiýasy 1960-njy ýylda döredilip, 1963-nji ýylda KAF-yň, 1964-nji ýylda-da FIFA-nyň agzalygyna kabul edilýär. Senegalyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda 3-nji gezek çykyş edip, mundan öň 2002-nji we 2018-nji ýyllarda gatnaşypdy.

**Ilkinji duşuşyk:** Gambiýa—Senegal: 1–2 (1959)

**Iň uly hasaply ýeňiş:** Senegal—Mawritaniýa: 10–1 (1972)

**Iň uly hasaply ýeňliş:** Gwineýa—Senegal: 5–0 (1966)

Terenganyň ýolbarslary lakamly Senegalyň ýygyndysy 1970-nji ýyla çenli Dünýä Kubogy guramaçylygyna hiç hili gatnaşmaýar. Saýlama tapgyryna gatnaşyp başlanyndan 32 ýyl soň 2002-nji ýylda Koreýa hem-de Ýaponiýada geçirilen Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Senegalyň ýygyndysy ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda çärýek finala çenli çykyp, yklymyň beýleki ýygyndylaryndan tapawutlanýar. «A» toparçada Dünýä Kubogyndaky ilkinji duşuşygynda çempion Fransiýa bilen duşuşan Senegalyň ýygyndysy güýçli garşydaşyny Buba Diopyň 30-njy minutdaky goly esasynda 1–0 ýeňýär. Bu ýeňiş ähli babatda-da taryha altyn harplar bilen ýazylýar. Daniýa bilen 1–1 (Diao 52 — Tomasson 16 p) deňme-deň oýnan merhum Bruno Metsunyň tälimçiligindäki Senegalyň ýygyndysy Urugwaý bilen geçirilen duşuşykda-da 1-nji ýarymda 3–0 öňe saýlanýar (Fadiga 20 p, Buba Diop 26, 38). Ýöne Urugwaý duşuşyk tamamlanmanka hasaby deňlemegi başarýar. Soňky çempion hökmünde gatnaşan Fransiýanyň ýygyndysynyň öýüne dolanan çempionatynda ilkinji gezek çykyş edýän Senegalyň ýygyndysy Daniýadan soň toparçada 2-nji ýeri eýeläp, 2-nji tapgyra çykýar. 1/8 finalda-da Larssonyň goly bilen öňe saýlanan Şwesiýany goşmaça wagtda altyn gol esasynda 2–1 ýeňýär. Senegaly çärýek finala çykaran gollaryň ikisini-de Henri Kamara geçirýär (37, 104). Senegalyň ýygyndysy Kamerundan soň çärýek finala çykan 2-nji Afrika topary bolýar. Çärýek finalda Türkiýe bilen duşuşan Senegalyň ýygyndysy esasy wagty golsuz geçen oýnuň 94-nji minutynda Ilhan Mansyzyň altyn goly esasynda 1–0 asgyn gelip, ilkinji gezek gatnaşan Dünýä Kubogynda ýarym finalyň bosagasyndan gaýdýar. Senegalyň 2-nji Dünýä Kubogy synanyşygy 16 ýyldan soň Russiýadaky ýaryş bolýar. «H» toparçada Polşany 2–1 (Sionek 37 ö.d., M'Baýe Niang 60 — Kryhowiak 86) hasabynda ýeňen Senegal Ýaponiýa bilen 2–2 (Mane 11, Wage 71 — Inui 34, Honda 78) deňme-deň oýnaýar. 3-nji duşuşygynda-da Kolumbiýadan 1–0 utulan Senegalyň ýygyndysy ähli görkezijileri boýunça Ýaponiýa bilen deň netije görkezýär. Ýöne «fair-play» utugy boýunça Ýaponiýadan yza galyp, toparçada 3-nji ýeri eýeleýär.



Sadio Mane



Aliu Sisse

**Dünýä Kubogynda geçiren duşuşyklary:** 8 oýun, 3 ýeňiş, 3 deňlik, 2 ýeňliş, 11–10 gol

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda geçiren duşuşyklary:** 71 oýun, 32 ýeňiş, 23 deňlik, 16 ýeňliş, 106–61 gol

Taryhynda ilkinji gezek şu ýyl Afrikanyň Milletler Kubogynyň çempionlygyny gazanan Senegalyň ýygyndysyna 2015-nji ýyldan bäri toparyň ozalky ýyldyzlaryndan Aliu Sisse tälim berýär. Ondan öň bu ýygynda ýerli hünärmenlerden Lamine Diak, Pape Diop, Mawade Wade, Bobakar Sarr, Amara Traore, şeýle-de fransiýaly Klod Le Roý, Bruno Metsu, Guý Stefan, Alen Žires, germaniýaly Peter Şnittiger, polşaly Henrik Kasperçak dagy tälim beripdi. Häzirki wagtda Eduar Mendi, Kalidu Kulibali, Abdu Diallo, Idrissa Geýe, Çeikhou Kouýate, Keita Balde, Sadio Mane, Ismaila Sarr, Bulaýe Dia ýaly ýyldyzlar toparyň esasy oýunçylarydyr.

Katar 2022-de «A» toparçada ýer eýeleri Kataryň, Ekwadoryň hem-de Niderlandlaryň ýygyndylary bilen güýç synanyşar. 1-nji oýunda, çempionatyň açylyş duşuşygynda Niderlandlardan utulan ýagdaýynda-da 2–3-nji duşuşyklarda Katardyr Ekwadory ýeňmäge olaryň doly mümkinçiligi bar. Belki-de Russiýa 2018-de «fair-play» sebäpli elden gideren 1/8 finala çykmak mümkinçiligini Katarda gazanyp, taryhynda 2-nji gezek 2-nji tapgyra çykyp biler.

**Iň köp duşuşyk geçiren futbolçylar:** Henri Kamara — 99, Idrissa Geýe — 94, Sadio Mane — 91

**Iň köp gol geçiren futbolçylar:** Sadio Mane — 33, Henri Kamara — 29, El Hadži Diuf — 24

**SENEGALYŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:**

▶ 21-nji noýabr (15:00):
**SENEGAL — NIDERLANDLAR** («Al Tumama», Doha)

▶ 25-nji noýabr (18:00):
**KATAR — SENEGAL** («Al Tumama», Doha)

▶ 29-njy noýabr (21:00):
**EKWADOR — SENEGAL** (Halifa halkara stadiony, Al Raýýan)

# 3-NJI SAÝLAMA TAPGYRYNYŇ JOGAP OÝUNLARY

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň jogap oýunlary oýnaldy. Azerbaýjanyň «Garabag» topary myhmançylykda «Ferenswaroşy» 3–1 hasabynda ýeňip, pleý-off «Wiktoriýa Plzeniň» garşydaşy boldy. 1-nji oýunda 2–0 utulan «Reýnjers» öz meýdançasynda Belgiýanyň «Union Sent-Žillua» toparyndan 3-0 üstün çykyp, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary 16–17-nji hem-de 23–24-nji awgustda oýnalar.

**3-nji saýlama tapgyrynyň jogap oýunlarynyň netijeleri:** «Apollon»—«Makkabi H»: 2–0 (0–4), «Ferenswaroş»—«Garabag»: 1–3 (1–1), «Dinamo Zagreb»—«Ludogores Razgrad»: 4–2 (2–1), «Wiktoriýa Plzen»—«Şerif»: 2–1 (2–1), «Žalgiris»—«Bodo-Glimt»: 1–1 (0–5), «Pýunik»—«S. Zwezda»: 0–2 (0–5), PSW—«Monako»: 3–2 g.w. (1–1), «Şturm Gras»—«Dinamo K»: 1–2 g.w. (0–1), «Reýnjers»—«Union Sent-Žillua»: 3–0 (0–2), «Midtýulland»—«Benfika»: 1–3 (1–4).



**Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary:** «Garabag»—«Wiktoriýa Plzen», «Bodo-Glimt»—«Dinamo Zagreb», «Makkabi Haýfa»—«Srwenza Zwezda», «Kopengagen»—«Trabzonspor», «Dinamo Kiýew»—«Benfika», «Reýnjers»—PSW.

*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# 3-nji gezek çempion bolan ilkinji ýygyndy




Meksikada geçirilen 9-njy Dünýä Kubogy futbolyň taryhyndaky iň gyzykly çempionatlaryň biri hasaplanýar. 1964-nji ýylda Tokioda geçirilen FIFA-nyň kongresinde Argentinadan köp ses alan (56–32 ses) Meksika 9-njy Dünýä Kubogyny guramaga hukuk gazanýar. Şeýlelikde, futbol boýunça Dünýä Kubogy ilkinji gezek Ýewropa we Günorta Amerika yklymlaryndan başga yklymda, has takygy, Demirgazyk Amerikada guralýar. Ýer eýesi Meksikadan we soňky çempion Angliýadan daşgary jemi 73 ýygyndy saýlama tapgyrynda çykyş edýär. Şolaryň 14-si geçirilen oýunlardan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyna eýe bolýar. 16 ýygyndynyň 9-sy Ýewropadan, 3-si Günorta Amerikadan, 2-si Demirgazyk Amerikadan, beýleki ikisi-de Afrikadyr Aziýadan gatnaşýar.

1970-nji ýylyň 31-nji maýynda bat alan çempionatyň açylyş duşuşygy 1-nji toparçada «Azteca» stadionynda ýer eýesi Meksika bilen ozalky SSSR-iň arasynda bolup, 107 160 janköýeriň tomaşa eden oýnunda hasap açylmaýar. Meksikanlar soňky 2 duşuşygynda, ilki çempionatyň täze wekillerinden Salwadory 4–0 (Waldiwiýa 45, 46, Fragosa 58, Basaguren 83), soňra Belgiýany 1–0 (Penýa 14 p) hasabynda ýeňýär. Edil şonuň ýaly-da, ozalky Soýuzyň ýygyndysy Belgiýany 4–1 (Byşowes 14, 63, Asatiani 57 Hmelniskiý 76), Salwadory-da 2–0 (Byşowes 51, 74) hasaplar bilen utýar. 5 utuk toplan SSSR bilen Meksika 2-nji tapgyra çykýar.




**2-nji toparçada** Dünýäniň şol wagta çenli 2 gezek çempiony 2 sany topar Urugwaý bilen Italiýanyň (1950-nji ýylda-da bir toparçadady), ilkinji sapar gatnaşýan Ysraýylyň hem-de Şwesiýanyň ýygyndylary duşuşýar. Toparçadaky duşuşyklarda bary-ýogy 6 gol hasaba alynýar (Dünýä Kubogy ýaryşlaryndaky iň az gol geçirilen toparça). Şwesiýany Domenjininiň goly bilen 1–0 ýeňen italýanlaryň soňky 2 duşuşygy golsuz tamamlanýar. Ysraýyly 2–0 ýeňen Urugwaýyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Şwesiýadan 1–0 utulsa-da, gol aratapawudy bilen öňe saýlanyp, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar.

**3-nji toparçada** çempionlygyň esasy dalaşgäri Braziliýa bilen soňky çempion Angliýanyň, Rumyniýadyr Çehoslowakiýanyň toparlary güýç synanyşýar. Braziller 3 oýunda-da ýeňiş gazanmagy başarýar. Ilki çehleri Riwelinio (24), Pele (59) we Žairzinionyň (61, 83) gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňen sambaçylar 2-nji duşuşygynda iňlisleri ýene-de Žairzinionyň ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar edýär. Pele (19, 67) we Žairzinionyň (22) tapawutlanan oýnunda braziller Rumyniýany kynlyk bilen 3–2 hasabynda utýar. Rumyniýany-da (Hörst 65), Çehoslowakiýany-da (Klark 50 p) 1–0 hasabynda ýeňen Angliýanyň ýygyndysy Braziliýadan soň adyny çärýek finala ýazdyrýar.

**4-nji toparçada** Günbatar Germaniýa 1-nji sapar gatnaşýan Marokkony 2–1 (Zeeler 56, Gerd Müller 80), Bolgariýany 5–2 (Libuda 20, Müller 27, 52 p, 88, Zeeler 67), Peruny 3–1 (Müller 19, 26, 39) hasabynda ýeňip, 1-nji ýeri eýeleýär. Saýlama tapgyrynda güýçli Argentinadan üstün çykyp, Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanan Perunyň ýygyndysy ilki bolgarlaryň (3–2), soňra marokkolylaryň (3–1) derwezesinden 3 gol girizip, çärýek finala çykýar. Perunyň ýygyndysynda Teofilo Kubilýas 3 oýunda 4 gol geçirýär.

Çärýek finalyň 4 oýny-da 1 günde şol bir wagtda geçirilýär. «Azteca» stadionyndaky duşuşykda ozalky SSSR bilen Urugwaý duşuşýar. Esasy wagty golsuz tamamlanan oýunda Urugwaýyň ýygyndysy Esparragonyň 117-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanýar. Toparçada 1 gol geçiren çärýek finalda ýer eýeleri Meksikany 4–1 hasabynda utýar. Italýanlara ýeňiş getiren gollary Guzman (25 ö.d.), Riwa (63, 76) hem-de Riwera (70) geçirýär. Guadalaharadaky oýunda Günorta Amerikanyň 2 wekili Braziliýa bilen Peru duşuşýar. 6 goluň geçirilen duşuşygynda braziller Riwelino (1), Tostao (15, 52) hem-de Žairzinionyň (75) gollary bilen 4–2 hasabynda garşydaşyndan üstün çykýar. Perunyň ýygyndysyna Galýardo we Kubilýasyň gollary ýeterlik bolmaýar. 1966-njy ýylyň gopgunly finalynda duşuşan 2 topar – Günbatar Germaniýa bilen Angliýanyň ýygyndylary bu gezek çärýek finalda gabatlaşýar. Ýöne bu gezek ýeňiş nemesleriň tarapynda bolýar. Çekeleşikli geçen oýunda Malleri we Petersiň gollary bilen iňlisler 2–0 öňe saýlansa-da, goşmaça wagtda 3–2 asgyn gelýär. Super ýyldyzlar — Bekkenbauer (68), Zeeler (82) hem-de Müller (108) nemesleri ýarym finala çykarýar.

Ýarym finalda Urugwaý bilen Braziliýa, Italiýa bilenem Günbatar Germaniýanyň ýygyndylary duşuşýar. 1950-nji ýylda finalda duşuşan Urugwaý bilen Braziliýanyň arasyndaky bu oýun çekeleşikli geçýär. Kubilýa bilen 19-njy minutda öňe saýlanan urugwaýlylara braziller 3 gol (Klodoaldo 44, Žairzinio 76, Riwelino 89) bilen jogap berip, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanýar we 4-nji gezek finala çykýar. Edil şol gün, ýagny 17-nji iýundaky beýleki ýarym finalda — Italiýa bilen Günbatar Germaniýanyň arasyndaky duşuşygyň esasy wagty 1–1 gutarýar. Boninsenýanyň 8-nji minutdaky goly bilen öňe saýlanan italýanlaryň derwezesinden jogap goluny 90-njy minutda Şnellinger girizýär. Goşmaça 30 minutda 5 gol geçirilip, Italiýa 4–3 hasabynda ýeňşini baýram edýär. Gollary italýanlaryň adyndan Burniç (98), Riwa (104) hem-de Riwella (111) derweзä girizýär. Nemesleriň 2 goluny bolsa Gerd Müller (94, 110) geçirýär.

Finaldan 1 gün öň «Azteca» stadionynda 3-nji ýer ugrundaky oýunda Günbatar Germaniýa Urugwaýy Oweratyň 26-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňip, 3-nji gezek bürünç medal gazanýar.

**OWADAN OÝUN WE 3-nji ÇEMPIONLYK**

● 21-nji iýunda paýtagt Mehiko Sitidäki «Azteca» stadionyndaky finala tomaşa etmek üçin 107 412 janköýer ýygnanýar. Duşuşyga germaniýaly Rudi Glokner eminlik edýär. Iki toparam özleriniň 3-nji çempionlygy üçin meýdança çykyp, italýanlar meşhur gök köýnekçeleri, brazillerem dünýä belli sary köýnekçeleri bilen «Azteca»-nyň ýaşyl meýdançasyna çykýar. Başgaça aýdylanda, ilkinji gezek 2 çempionlygy bolan toparlar finalda duşuşýar. 18-nji minutda Pele kellesi bilen hasaby açýar. Soňra 37-nji minutda Roberto Boninsenýa hasaby deňleýär. Birinji ýarym şeýle hasap bilenem tamamlanýar. Ikinji ýarymda futbol muşdaklary hüjüm futbolynyň iň gowy nusgalarynyň şaýady bolýarlar. 66-njy minutda Žerson, 5 minutdan soň, Žairzinio hasaby hasam artdyrýar. Duşuşygyň tamamlanmagyna 4 minut galanda-da, Karlos Alberto 4-nji goly italýanlaryň toruna girizip, oýna soňky nokady goýýar. Şeýlelikde, 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan Braziliýanyň ýygyndysy 3-nji gezek Dünýä Kubogyny asmana göterýär. Taryhda ilkinji gezek bir topar 3-nji gezek çempion bolýar. Braziliýa Žul Rimeniň adyny göterýän kubogyň ymykly eýesi bolýar (Şol kubok 1983-nji ýylda ogurlanýar we hiç wagt tapylmaýar).

**GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR**

**1-nji toparça:** Meksika—SSSR: 0–0, Belgiýa—Salwador: 3–0, SSSR—Belgiýa: 4–1, Meksika—Salwador: 4–0, SSSR—Salwador: 2–0, Meksika—Belgiýa: 2–0, **2-nji toparça:** Urugwaý—Ysraýyl: 2–0, Italiýa—Şwesiýa: 1–0, Urugwaý—Italiýa: 0–0, Şwesiýa—Ysraýyl: 1–1, Şwesiýa—Urugwaý: 1–0, Italiýa—Ysraýyl: 0–0, **3-nji toparça:** Angliýa—Rumyniýa: 1–0, Braziliýa—Çehoslowakiýa: 4–1, Rumyniýa—Çehoslowakiýa: 2–1, Braziliýa—Angliýa: 1–0, Braziliýa—Rumyniýa: 3–2, Angliýa—Çehoslowakiýa: 1–0, **4-nji toparça:** Peru—Bolgariýa: 3–2, G. Germaniýa—Marokko: 2–1, Peru—Marokko: 3–0, G. Germaniýa—Bolgariýa: 5–2, G. Germaniýa—Peru: 3–1, Bolgariýa—Marokko: 1–1.

**ÇÄRÝEK FINAL:** Braziliýa—Peru: 4–2, G. Germaniýa—Angliýa: 3–2, Italiýa—Meksika: 4–1, Urugwaý—SSSR: 1–0.

**ÝARYM FINAL:** Braziliýa—Urugwaý: 3–1, Italiýa—Germaniýa: 4–3 (g,w.)

**3-nji ÝER:** G. Germaniýa—Urugwaý: 1–0.

**FINAL:** Braziliýa — Italiýa: 4–1.

**MEKSIKA 1970**




**Çempion:** Braziliýa
**2-nji ýer:** Italiýa
**3-nji ýer:** G. Germaniýa
**4-nji ýer:** Urugwaý

**Gatnaşan toparlar (16):** Angliýa, Belgiýa, Braziliýa, Bolgariýa, Çehoslowakiýa, Peru, Günbatar Germaniýa, Marokko, Meksika, Italiýa, SSSR, Salwador, Rumyniýa, Ysraýyl, Şwesiýa, Urugwaý

**Geçirilen wagty:** 31-nji maý – 21-nji iýun (1970)
**Geçirilen duşuşyk:** 32 oýun
**Geçirilen gol:** 95 (ortaça 2,97)
**Tomaşaçy:** 1 604 065 (ortaça 50 127)

**GYZYKLY MAGLUMATLAR**

- Marokko (Müsüriň ýygyndysyndan soň (1934) Dünýä Kubogyna gatnaşan ilkinji Afrika döwleti bolýar), Salwador, Ysraýyl ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar.
- Duşuşyklar ilkinji gezek reňkli ýaýlym arkaly görkezilýär.
- Salwador bilen Meksika bir toparçada duşuşýar. Bu bolsa Günorta Amerika we Ýewropa yklymlaryndan başga bir yklymyň iki wekiliniň özara ilkinji duşuşygy bolýar.
- Saýlama oýunlaryna 73 topar gatnaşyp, Fransiýa, Portugaliýa, Wengriýa, Argentina we Ispaniýa ýaly güýçli toparlar bäsleşikde çykyş etmäge hukuk gazanyp bilmeýär.
- Dünýä Kubogynda ilkinji gezek sary we gyzyl kart görkezilip başlanýar. Çempionatda hiç kime gyzyl kart görkezilmeýär.
- Duşuşyklarda ilkinji gezej 2 oýunçy çalyşmaga rugsat edilýär.
- Duşuşyklar 5 şäherde (Guadalahara, Leon, Mehiko, Puebla, Toluka) geçirilýär.
- Braziliýaly Žairzinio her duşuşykda (6 oýunda 7 pökgi) tapawutlanyp, urugwaýly Alsides Gidžadan soň, şeýle netije görkezen 2-nji futbolçy bolýar. Gidža 1950-nji ýylda 4 oýunda 4 gol geçiripdi. Dünýä Kubogynyň taryhynda diňe 2 futbolçy ähli duşuşykda-da tapawutlanýar.
- 10 gol geçiren germaniýaly Gerd Müller çempionatyň iň netijeli futbolçysy bolýar. 2 duşuşykda het-trik eden Müllere diňe 3-nji ýer üçin oýnalan oýunda gol geçirtmek başartmaýar.



- Bu Dünýä Kubogy «Adidas» kompaniýasynyň futbol toplarynyň ulanylyp başlan ilkinji çempionaty bolýar. Bu çempionatda «Telstar» futbol topy ulanylýar.
- Çempionatyň iň ökde oýunçysyna berilýän «Altyn top» baýragy Pelä gowşurylýar. Ol 3 gezek Dünýä çempiony bolan ýeke-täk futbolçydyr.
- Çempionatyň iň ökde ýaş oýunçysy baýragyna Teofilo Kubilýa (Peru) laýyk görülýär.
- Braziliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Mario Zagallo hem oýunçy (1962, 1970), hem-de tälimçi (1970) hökmünde çempionlyk gazanan ilkinji futbol hünärmeni bolýar.

DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY
Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.
Tel.: 96 07 67
865 09 57 67







